TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMENISTAN BILEN BIRLEŞEN ARAP EMIRLIKLERINIŇ ARASYNDAKY GATNAŞYKLAR YZYGIDERLI HEM-DE DEPGINLI ÖSÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
23-nji fewral, 2024. Belgisi 8/1574



21-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza gelen Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti, Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan bilen duşuşdy.

# TÜRKMEN-EMIRLIKLER GATNAŞYKLARY PUGTALANDYRYLÝAR

Hormatly Prezidentimiz BAE-niň wise-prezidenti, Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministrini türkmen topragynda mähirli mübärekläp, netijeli döwletara gatnaşyklaryň däp bolan dostluk, birek-birege hormat goýmak häsiýetine eýedigini kanagatlanma bilen belledi. Hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn, köptaraplaýyn görnüşde, abraýly halkara guramalaryňdyr düzümleriň çäklerinde yzygiderli ösdürilýär.

Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan mähirli kabul edilendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirdi we Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýanyň hem-de BAE-niň wise-prezidenti, Premýer-ministri, goranmak ministri, Dubaýyň häkimi Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktumyň mähirli salamyny ýetirdi. Nygtalyşy ýaly, özüni ygtybarly we jogapkärli hyzmatdaş hökmünde görkezen doganlyk Türkmenistan bilen netijeli gatnaşyklaryň ösdürilmegine BAE-de aýratyn ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiz Birleşen Arap Emirlikleriniň ýolbaşçylaryna salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan edip, ýurtlarymyzyň köpýyllyk hyzmatdaşlyk tejribesiniň hem-de uly mümkinçilikleriniň bardygyny aýtdy. Munuň özara bähbitli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek we diwersifikasiýalaşdyrmak, täze anyk mazmun bilen baýlaşdyrmak üçin berk binýat bolup durýandygyny belledi.

Duşuşygyň barşynda okgunly ösüşe eýe bolan hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary barada gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Şunuň bilen baglylykda, ýokary derejedäki gatnaşyklaryň türkmen-emirlikler hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmakda möhüm ähmiýeti bellenildi. Şeýle hem geçen ýylyň dekabrynda hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 28-nji maslahatyna (COP28) gatnaşmak üçin Birleşen Arap Emirliklerine amala aşyran iş sapary, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň şu ýylyň ýanwarynda BAE-de iş saparynda bolmagy döwletara dialogyň taryhyndaky möhüm wakalara öwrüldi. Yzygiderli geçirilýän duşuşyklaryň we gepleşikleriň uzak möhletleýin geljege gönükdirilen hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlaryny kesgitlemäge, gazanylan ylalaşyklary iş ýüzünde durmuşa geçirmek üçin bilelikdäki hereketleri işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýändigi nygtaldy.

Ynsanperwer ulgam hem türkmen-emirlikler gatnaşyklarynyň aýrylmaz bölegidir. Ylym, bilim, medeniýet, sport ulgamlary boýunça özara hyzmatdaşlyk, bu ugurda bilelikdäki çäreleriň geçirilmegi iki halky ýakynlaşdyrmagyň, dostluk we özara düşünişmek ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklary pugtalandyrmagyň möhüm şertidir. Şeýlelikde, özara bähbitlilige we ynanyşmaga esaslanýan hyzmatdaşlygyň köpýyllyk tejribesi taraplaryň hoşniýetliliginiň aýdyň görkezijisi bolup, däbe öwrülen gatnaşyklary hil taýdan täze, döwrüň talaplaryna laýyk gelýän derejä çykarmak babatdaky maksatlaryny açyp görkezýär.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti, Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan netijeli döwletara gatnaşyklaryň geljekde-de umumy bähbitleriň hatyrasyna işjeň ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

Döwlet Baştutanymyz we belent mertebeli myhman hoşlaşyp, birek-birege hem-de iki ýurduň doganlyk halklaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

## Ýaş nesil hakynda alada

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň milli ösüşleri biziň her birimizde çäksiz buýsanç duýgularyny döredýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan bu ösüş-özgerişlerde çagalarymyzyň aýdyň ertirini, ýagty geljege bolan ynamly garaýyşlaryny aýdyň görýäris. Şeýle bagtyýar döwürde hormatly Prezidentimiz tarapyndan jemgyýetimiziň sagdyn ösüşini esaslandyrýan ýaş nesli terbiýelemekde ga-



dymdan gelýän däp-dessurlara, ýol-ýörelgelere esaslanylýar. Çünki öz geçmişini gadymyýetden alyp gaýdýan türkmen halkynyň milli däp-dessurlary, edep-kadalary nesil terbiýesine gönükdirilendir. Asyrlarboýy halkymyzyň çaga terbiýelemekde kämilleşen asylly däpleri, edep-kadalary türkmeniň milli ruhy dünýäsinden gözbaş alýar.

Ata-babalarymyz tarapyndan nesil terbiýesine, edep-ekramyna uly üns berilmek bilen, nesil dowamatynyň akylly, sagdyn, dogruçyl, asylly, ruhubelent, watansöýüji, zähmetsöýer adamlar bolup ýetişmekleri üçin uly aladalar edilipdir. 3

## TÄZE HOWA GATNAWLARY ÝOLA GOÝULDY

Ýol-ulag ulgamynyň köpugurly ösdürilmegi milli ykdysadyýeti ösdürmegiň aýrylmaz düzüm bölegidir. Dünýä ulag ölçeglerine, ekologiýa talaplaryna laýyk gelýän ulag ulgamynyň, hereket ukyplylygynyň durnukly ösüş, kuwwatly ykdysadyýet üçin derwaýys ähmiýeti bar. Ulag-aragatnaşyk ulgamynyň elýeterli bolmagy, ýol-hereket kadalarynyň howpsuzlyk üpjünçiligi, sebit we sebitara ulag-üstaşyr gatnaşyklarynyň çatryklarynyň we halkara geçelgeleriniň açylmagy ençeme yklym döwletleriniň açyk deňiz giňişliklerine çykmak mümkinçiliklerini artdyrmakda zerur şertleri döredýär. Şu nukdaýnazardan, hormatly Prezidentimiziň öňe sürýän başlangyçlarynyň bimöçber ähmiýeti halkara derejesinde ykrar edilýär.



Ýakynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde anyk sanlaryň, maglumatlaryň we delilleriň üsti bilen 2023-nji ýylda edilen işlere we öňde duran wezipelere syn berildi, ýerine ýetirilmeli işler anyklaşdyryldy. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça şu ýyl öňde durýan wezipeleriň hatarynda awtomobil ýol-gurluşyk pudagynyň öňünde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, ýurdumyzda täze awtomobil ýollarynyň gurulmagy, döwrebaplaşdyrylmagy we olaryň dünýä standartlaryna gabat gelmegi üçin pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça işleri dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiz awiasiýa ulgamyny düýpgöter özgertmek we täze howa gatnawlarynyň açylmagy ugrunda degişli işleriň alnyp barylmagy babatda tabşyryklar berdi. 2

## ATÇYLYK PUDAGYNYŇ YLMY ÖZGERTMELERI

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bilim özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň orta, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde iň döwrebap şertlerdir mümkinçilikler döredilýär. Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda hem okuw we ylmy-önümçilik işleri döwrebap derejede ýola goýlup, atçylyk ulgamyny has-da belende galdyrmak ugrunda giň tagallalar edilýär.

Milli guwanjymyz bolan we owadanlykda taý tapylmaýan türkmen bedewleriniň häzirki döwürde hem milli medeniýetimizi ýokary götermekde, watançylyk duýgularyny galkyndyrmakda ähmiýeti örän uludyr. Behişdi bedewlere aýraty n gadyr goýýan türkmen halky



ahalteke atçylyk sungatyny we atlary bezemek däplerini asyrlarboýy sünnäläp, ajaýyp sungat derejesine ýetiripdir. Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna goşuldy.

Türkmeniň atşynaslyk medeniýeti dünýäni bitewüleşdirmekde, halklary dostlaşdyrmakda, halkara hyzmatdaşlygyny guramakda möhüm gurala öwrüldi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň toý-baýramlarynyň bezegine öwrülen ahalteke bedewlerini ylmy taýdan öwrenmek ugrunda täze okuw merkezi hereket edýär. Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň okuw otaglary häzirki zaman kompýuterler, multimediýa tehnologiýalar, barlaghana, lingafon enjamlar bilen üpjün edilendir. Akademiýada döredilen mümkinçilikleriň ählisi ýaş nesliň intellektual we döredijilik mümkinçiliklerini doly derejede açmaga, bu ukyplary hünär taýdan ugrukdyrmaga gönükdirilendir. 2

## Magtymgulynyň ruhy-ahlak pikirleri umumadamzat hazynasydyr

Türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiligi baý we köp taraplydyr. Halkyň XVIII asyrdaky durmuşy, şol döwrüň taryhy hem-de syýasy wakalary, türkmen topragyna bolan çäksiz söýgi, halka bolan yssy mähir, tebigat gözelligi, ahlak arassalygy, söýgi



tämizligi – bularyň ählisi Magtymgulynyň döredijiliginde orun tapypdyr. Ajaýyp eserleri döreden, halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen pelsepesini, kalbynyň owazyny, isleg-arzuwlaryny dünýä ýaýan beýik söz ussadynyň agzybirlige, jebislige, ynsanperwerlige çagyrýan ajaýyp şygyrlaryny halkymyz ruhy ýörelge, päk terbiýe mekdebi hökmünde kabul edýär. Agzybirlik, jebislik, bitewülik il-ulsumyzyň gadymdan gelýän esasy ýol-ýörelgesidir. Magtymguly Pyragy bolsa bu ýörelgäni ölmez-ýitmez şygyrlary bilen bütin ömründe watandaşlaryna wagyz eden beýik danadyr. 3

### El-Alameýnde gökdiränler gurulýar

Müsüriň El-Alameýn şäherinde Hytaýyň goldawy bilen beýik binalaryň çylşyrymly taslamasy durmuşa geçirilýär. «Bir guşak, bir ýol» başlangyjynyň çäklerinde şol şäherde «Alamein Downtown Towers» taslamasynyň esasy desgalarynyň gurluşygy tamamlanar. 4

### Saz diňlemegiň peýdasy

Ruhy taýdan nähili ýagdaýda bolsagam, aýdym-saz hemişe bize ýakyn. Saz adama şeýle bir täsir edýär welin, gynanan pursadymyz begendirip, şatlykly wagtymyz gam-gussa batyryp bilýär. Barlaglaryň netijesinde halaýan aýdym-sazyňy diňlemek beýnidäki «oňyn energiýany we duýgulary» oýarýar. 5

### Ýylyň iň gowy animasiýalary saýlandy

Animasiýalaryň arasynda geçirilýän «Annual Annie» baýraklarynda ýylyň tapawutlananlary mälim edildi. 51-nji gezek gowşurylan baýraklarda iň gowy animasiýa diýlip, «Möý adam: möý älemine geçiş» multfilmi saýlandy. 6

### Ýyldyzlaryň şüweleňinde täze rekordlar hasaba alyndy

NBA-da ýyldyzlaryň şüweleňi «All Star»-da taryhy rekord hasaba alyndy. Indianapolis şäherinde geçirilen 73-nji «NBA All Star» duşuşygynda Gündogar Konferensiýanyň ýyldyzlary Günbatar Konferensiýanyň ýyldyzlaryny 211:186 hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. 7



# KÖPÝYLLYK DÖWLETARA HYZMATDAŞLYGY OKGUNLY ÖSDÜRILÝÄR

**Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy BAE-niň wise-prezidenti, Premýer-ministriniň orunbasary bilen duşuşdy**

21-nji fewralda paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti, Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan bilen duşuşygy boldy. Ýurdumyza sapar bilen gelen belent mertebeli myhman türkmen myhmansöýerliginiň iň gowy däplerine laýyklykda mähirli garşylanyldy.

Gahryman Arkadagymyz we BAE-niň wise-prezidenti, Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan mähirli salamlaşyp, iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde surata düşdüler. Görkezilen myhmansöýerlik üçin hoşallyk bildirip, belent mertebeli myhman türkmen topragynda ýene-de saparda bolýandygyna örän şatdygyny belledi.

Ýokary wezipeli wekil Milli Liderimize Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýanyň hem-de BAE-niň wise-prezidenti, Premýer-ministri, goranmak ministri, Dubaýyň hakimi Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktumyň mähirli salamyny ýetirdi hem-de Türkmenistan bilen döwletara hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de giňeldilmeginiň ähmiýetini aýratyn nygtap, onuň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda, hususan-da, iri halkara guramalaryň, abraýly sebit düzümleriniň çäklerinde üstünlikli ösdürilýändigini belledi.

Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow hoşniýetli sözler üçin hoşallyk bildirip, dostlukly ýurduň ýokary derejeli ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de Türkmenistanyň Ýakyn Gündogaryň döwletleri, ilkinji nobatda, Birleşen Arap Emirlikleri bilen hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmäge uly gyzyklanma bildirýändigini aýtdy. Yzygiderli esasda geçirilýän ikitaraplaýyn gepleşikleriň ýokary netijeliligi durmuş-ykdysady ösüşiň we taraplaryň her biriniň ileri tutýan ugurlaryna doly laýyk gelýär hem-de däp bolan hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmak ugrunda umumy tagallalary açyp görkezýär.

Şunuň bilen baglylykda, Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň şu ýylyň ýanwar aýynda Birleşen Arap Emirliklerine amala aşyran saparynyň möhüm ähmiýetini belledi. Nygtalyşy ýaly, saparyň dowamynda geçirilen duşuşyklaryň we gepleşikleriň barşynda gazanylan ylalaşyklar türkmen-emirlikler hyzmatdaşlygyna täze itergi berip, iki ýurduň halklarynyň arasynda däp bolan dostdoganlyk gatnaşyklarynyň has-da pugtalandyrylmagyna şert döretdi.

Söhbetdeşler ähli ugurlar boýunça mundan beýläk-de giňeltmek üçin uly mümkinçiliklere eýe bolan köpýyllyk döwletara hyzmatdaşlygyň okgunly ösdürilýändigini kanagatlanma bilen bellediler.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti, Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan birek-birek bilen mähirli hoşlaşyp, iki ýurduň we doganlyk halklaryň bähbitlerine laýyk gelýän netijeli hyzmatdaşlygyň geljekde-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

## Sanly tehnologiýalar üstünlikli ornaşdyrylýar

«Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda, derwaýyslygy, ideýasynyň özboluşlylygy, tehnologik çözgüdiniň we programmirlemegiň işlenip düzülen diliniň döwrebaplygy, interfeýsiniň kämilligi, innowasion täzeçilligi bilen tapawutlanýan taslamalar işlenip düzülýär. Ýokary okuw mekdebimiziň talyp ýaşlary innowasion şäher, sanly bilim, söwda-hyzmatlar ulgamy, maglumat howpsuzlygy we kiberhowpsuzlyk boýunça IT-taslamalary işläp taýýarlaýarlar.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan gurluşyk işlerinde, bilim ulgamynda, milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda sanly tehnologiýalary işjeň ulanmak, häzirki zaman ylmynyň gazananlaryny özleşdirmek we täzeçil usullary ornaşdyrmak boýunça giň möçberli çäreler ýaýbaňlandyrylýar. Paýtagtymyzda we Arkadag şäherinde, «akylly» şäher konsepsiýasyna möhüm üns berilýär. Şundan ugur alnyp, institutymyzda geljegi uly taslamalar, uly gyzyklanma döredýän programma üpjünçilikleri işlenip düzülýär. Olardan «Akylly öý ulgamy», «E-mekdep», «Onlaýn Market», «Wirtual himiýa tejribehanasy», «Elektron test ulgamy», «Zehinlije», «Binalaryň 3D görnüşli şekili», «Interaktiw kitap», «Ylham seýilgähine wirtual syýahat» ýaly işler, dürli saýtlardyr mobil goşundylar ulanyjylaryň ýokary bahasyna mynasyp bolýar.



Ýeri gelende bellesek, geçen ýyl telearagatnaşyk, telemetriýa, habar beriş tilsimatlarynyň we teleradioýaýradyş enjamlarynyň «Türkmentel – 2023» atly XVI halkara sergisiniň çägindäki «Sanly çözgüt – 2023» atly innowasion taslamalaryň bäsleşiginde 300-den gowrak taslama görkezildi. Taslamalaryň arasynda institutymyzyň talyplarynyň oýlap tapyş işleriniň baýrakly orunlara mynasyp bolmagy guwandyryjy ýagdaýdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň parasatly başlangyçlary esasynda sebitde ilkinji «akylly» şäheriň gurulmagy ajaýyp zamanamyzyň bedew batly ösüşleriniň nyşanydyr. Bu gün täze şäherde ýaşlar iň häzirki zaman okuw enjamlary, innowasion tehnikalar bilen üpjün edilen mekdeplerde bilim alýarlar, hünär öwrenýärler, körpeler döwrebap çagalar baglarynda terbiýelenýärler. Arkadag şäheriniň edara-kärhanalarynda bolsa, ýaş hünärmenlerimiz zähmet çekýärler. Munuň özi ýurdumyzyň barha ösüp-özgerýändiginden, sanly ulgam babatda kuwwatynyň artýandygyndan, iň esasy bolsa, berkarar Watanymyzda ýaşlar hakynda bimöçber alada edilýändiginden alamatdyr.

**Güneş ATAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Täze howa gatnawlary ýola goýuldy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şoňa laýyklykda, ýurdumyzyň Malaýziýa we Saud Arabystanyna täze howa gatnaw ugurlary açyldy. 15-16-njy fewralda, degişlilikde, Aşgabat–Kuala-Lumpur hem-de Aşgabat–Jidda ugurlary boýunça eýýäm ilkinji uçuşlar amala aşyryldy. «Türkmenhowaýollary» agentliginden berlen habara görä, Aşgabatdan bu şäherlere uçuşlar hepdede iki gezek amala aşyrylar. 15-nji fewralda «Türkmenistan» awiakompaniýasynyň Malaýziýanyň Kuala-Lumpur şäherine ilkinji uçuşy amala aşyran uçary dabaraly garşylandy.



16-njy fewralda paýtagtymyzdan Saud Arabystanyna «Boeing 777-200LR» kysymly ýolagçy uçarynda amala aşyrylan uçuş Aşgabat–Jidda–Aşgabat ugry boýunça ýola goýlan täze howa gatnawynyň başyny başlady. Häzire çenli bu ugur boýunça göni uçuşlar diňe watandaşlarymyzyň mukaddes Käbä, Mekge we Medine şäherlerine zyýarata gidip, haj parzyny berjaý etmekleri bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň ýörite Karary esasynda amala aşyrylýardy. Şonuň netijesinde, her ýyl ildeşlerimiziň ýüzlerçesi külli musulman dünýäsiniň bu mukaddes künjeklerine zyýarata gidip gelýärdiler. Indi bolsa Aşgabat–Jidda–Aşgabat ugry boýunça ýola goýlan howa gatnawy yzygiderli rejeli amala aşyrylar. Munuň özi haj parzyny berjaý etmegi ýüregine düwen watandaşlarymyz üçin hem amatly mümkinçilikleri döredýär. Häzirki döwürde ýurdumyzyň ulag-logistika ulgamynda daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek meselelerine ähmiýet berilýär. Aşgabat–Kuala-Lumpur–Aşgabat, Aşgabat–Jidda–Aşgabat aralygynda howa gatnawynyň ýola goýulmagy hem bu babatda alnyp barylýan işleriň netijeli häsiýete eýe bolýandygyny görkezýär.

Umuman, ata Watanymyzda üstaşyr ulag geçelgelerini döretmegiň, sebit we ählumumy multimodal gatnawlar ulgamyna goşulyşmagynyň hasabyna, ýurdumyzyň geoykdysady kuwwatyndan doly peýdalanmak babatda wezipeler maksatnamalaýyn durmuşa geçirilýär.

**Güljeren IŞANGULYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Atçylyk pudagynyň ylmy özgertmeleri

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýokary okuw mekdebinde atçylyk fakulteti, atçylygyň weterinariýasy fakulteti, atly sport, syýahatçylyk we milli at üstündäki oýunlar fakulteti hem-de oba hojalygynyň ykdysadyýeti fakulteti hereket edip, olarda halkara tejribesini ýurdumyzyň atçylygyna ornaşdyrmak, arassa ganly tohum atlaryň baş sanyny köpeltmek, ot-iým binýadyny berkitmek we seçgi-tohumçylyk işini talabalaýyk alyp barmak ugrunda nazary okuwlary döwrebap enjamlaşdyrylan okuw otaglarynda geçýärler. Ylmy-barlag edaralarda atçylyk ugry boýunça işleri alyp baryp, bu ugurda ýokary bilimi boýunça hünärmeniň ýerine ýetirmeli işini öwrenýärler. Talyp ýaşlar nazaryýetde alan bilimlerini tejribede özleşdirmek maksady bilen, akademiýanyň athanasynda, Ahalteke atçylyk athanasynda we Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda önümçilik sapaklaryny yzygiderli geçýärler.



Arkadag şäherinde bina edilen Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň barlaghanasynda ahalteke atlarynyň arassa ganlylygyny gorap saklamak maksady bilen, atlaryň genetiki seljerme işleri geçirilýär. Bedewleriň ösüşini we reňk aýratynlyklaryny ylmy esasda öwrenmek bilen bagly ylmy-barlag işleri amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň atçylyk hojalyklarynda şu ýylda doglan ýaş taýlary tohumçylyk hasabyna almak we olara ýörite şahadatnamalary bermek boýunça degişli işler geçirilýär.

Şeýle hem Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda ýurdumyzyň ýerli tebigy we toprak-howa şertlerinde ösüp ýetişen ösümlikler, olaryň miweleri, däneleri hem-de olardan galýan önümçilik galyndylaryny ulanmak arkaly täze tehnologiýalar esasynda iýmgaryndysy taýýarlanyldy. Ýaş atlaryň ösýän döwründe baýlaşdyrylan bu iýmgaryndysy bilen 0,6 kilogram möçberinde goşmaça iýmitlendirmegiň hasabyna ýokumly maddalar, fiziologiki peýdaly energiýa, witaminler, mineral maddalar bilen ýeterlik we kadaly gatnaşykda üpjün edilende taýlaryň ýokary depginde ösmegine ýardam berýändigi subut edildi.

Atçylyk ulgamynda ähli döwrebap işler ýurdumyzyň atçylyk pudagynyň ösüşlerinden mysaldyr. Geljekde hem Arkadag şäherindäki Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyplarynyň bu ugurda mynasyp goşandyny goşjakdygyny bellemek bolar.

**Abdylmälik HOJAGULYÝEW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň mugallymy.*

## Tebigy gazyň sarp edilişi görnetin azaldy

Ýewropada geçen ýyl gaýtadan dikeldilýän elektrik energiýasynyň has köp ulanylmagy netijesinde tebigy gazyň sarp edilişi soňky 10 ýylyň iň pes derejesine çenli azaldy. Energiýa ykdysadyýeti we maliýe seljeriş institutynyň (IEEFA) maglumatyna görä, soňky 2 ýylda Ýewropa ýurtlarynyň tebigy gaza islegi 20 göterim azalypdyr. Gazyň sarp edilişiniň azalmagyna Germaniýa, Italiýa we Angliýa döwletleriniň täsiri uly bolupdyr. Maglumatda ýurtlaryň suwuklandyrylan tebigy gaz infrastrukturasyna maýa goýmagyny dowam edendikleri bellenildi. Geçen ýylyň fewralyndan bäri 8 terminal işe girizilipdir. 2030-njy ýyla çenli 13 taslamanyň durmuşa geçirilmegine garaşylýar.

**Aýgözel KÖMEKOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Maşk etmek zenanlara has peýdaly

Geçirilen barlaglarda maşk etmegiň erkeklere garanyňda zenanlara has köp peýdalydygy ýüze çykaryldy. Lukmanlar fiziki işjeňligiň näderejede täsir edýändigini bilmek üçin 1997-2017-nji ýyllar aralygynda geçirilen barlaglary seljerdiler. Jemi 412 müňden gowrak adamyň maşk hereketleri öwrenilipdir. Netijede, erkekleriň maşkyň peýdaly täsir etmegi üçin zenanlara görä has köp hereket etmeginiň zerurdygy anyklandy. Lukmanlar aýal-gyzlaryň hepdede 140 minutlyk orta we agyr maşkynyň erkekleriň 300 minutlyk maşky bilen deňeçerdigini anykladylar. Geçirilen ylmy-barlag barada «Journal of the American College of Cardiology» žurnalynda makala çap edildi.

**Enebaý MUHAMMEDOWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby.*

## Awtoulag eksporty 47 göterim artdy

Elektroulag önümçiliginde we eksportynda dünýäniň öňdebaryjy ýurdy hasaplanýan Hytaý bu senagata has köp maýa goýum goýýar. Ýurt öndürilen ulaglary eksport etmek üçin täze ugurlar döredýär. Awtoulag senagatyndaky ornuny barha berkidýän Hytaýyň eksporty ýylyň birinji aýynda 47,4 göterim artypdyr. Ýurduň awtoulag öndürijileri bileleşiginiň maglumatyna görä, ýanwar aýynda 369 müň ýolagçy, 74 müň täjirçilik maksatly ulag satylypdyr. Şeýlelikde, jemi 443 müň awtoulag daşarky bazarlara iberilipdir. Eksport edilen ulaglaryň arasynda täze energiýaly (elektrik, gibrid we wodorod) ulaglaryň artyşy 21,7 göterim bolup, 101 müňe ýetipdir.



Hytaý geçen ýyl jemi 4,91 million awtoulag eksport edip, bu ugurda Ýaponiýadan öňe geçip, dünýäde birinji bolupdyr.

Hytaýly kompaniýalar daşary ýurtlarda hem awtoulag zawodlarynyň gurluşygyny alyp barýarlar.

**Ýazgeldi TÄÇMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## «Boeing»-den öňe geçer

Ýewropanyň uçar öndüriji kompaniýasy «Airbus» 2024-nji ýylda uçar önümçiliginde dünýäniň öňdebaryjy kompaniýasy bolmagy maksat edinýär. Kompaniýa ýylyň ahyryna çenli 800 uçary öndürip, müşderilere ýetirmegi göz öňünde tutýar. Öndüriljek uçarlaryň arasynda «Boeing»-iň «737 Max» howa gämisi bilen bäsdeşlik etjek «A320neo»-laryň hem bardygy bellenildi. Şeýle hem kompaniýa ýangyjy has tygşytly sarp edýän täze uçaryň taýýarlanmagynda hem öňegidişlik gazanylandygyny belledi. Kompaniýa geçen ýyl 735 uçary öndürip, müşderilerine ýetiripdir. Bu görkeziji meýilnamadan ýokary bolupdyr. «Airbus» Hindistandan we çalt depginler bilen ösýän beýleki ýurtlardan dar kabinaly, orta ululykdaky uçarlara islegiň ýokary bolmagy sebäpli geçen ýyl 2 müň 94 sargydyny kabul edipdir. «Boeing» kompaniýasy bolsa, 528 uçary müşderilerine ýetiripdir. Ýylyň dowamynda bolsa, 1 müň 576 uçar sargyt kabul edipdir.



Kompaniýanyň täze işläp taýýarlaýan ýangyjy tygşytly sarp edýän uçary bir koridorly bolar. 2030-njy ýyldan soňra öndürilip başlanjak uçarlaryň iň soňky tehnologiýaly howa gämileri hökmünde awiasiýa pudagyna mäkäm ornaşmagyna garaşylýar.

**Merdan SAPAROW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, leýtenant.*

## Emeli adada zawod gurulýar

Dünýäniň iň gür ilatly ýerleriniň biri hasaplanýan Gonkongda emeli adanyň üstünde zawod gurulýar. Desga dürli önümçilik galyndylaryny gaýtadan işlemäge niýetlenen bolup, dünýäde emeli adada gurlan ilkinji zawod bolar. Önümçilik desgasy 16 gektar meýdany öz içine alar. Eýýäm desganyň birinji tapgyry gurlup gutarylypdyr. Äpet desga zawod galyndylaryny saýlamaga we gaýtadan işlemäge, deňiz suwuny süýjetmäge, hapa suwy arassalamaga we zibilleriň ýakylmagy netijesinde elektrik energiýasyny öndürmäge niýetlenen bölümlerden ybarat bolar. Işe girizilenden soňra bu ýerde her ýylda öý hojalyk tehnikalarynyň 3000 tonnasy gaýtadan işlener. Galyndylaryň ýakylmagy netijesinde bolsa, 480 million kilowat/sagat elektrik energiýasy öndüriler. Bu 100 müň hojalygy elektrik energiýasy bilen üpjün etmäge ýeter. Zawod äpet şäheriň zibilleri saklamak üçin ýer zerurlygyny aradan aýrar hem-de şäheriň howasynyň arassa bolmagyna ýardam eder. Mundan ozal deňiz kenaryndaky şäherde emeli adada howa menzili hem gurlupdy.



**Rejepmuhammet NURMUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Fewral aýynyň 23-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113453
Belgisi: 8/1574
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# ÝAŞ NESIL HAKYNDA ALADA

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Sebäbi nesil terbiýesi örän çylşyrymly hem-de jogapkärli iş bolup, her bir çaga jemgyýetde özüni alyp barmagyň düzgünlerini, daş-töwerege, adamlara bolan garaýşyny öz maşgalasynda ene-atasyndan, mekdepde mugallymyndan, deň-duşlaryndan öwrenýär. Ata-babalarymyzyň nesil terbiýesinden kemala gelen «edep» sözi köp manyny, ýagny terbiýe, tertip, utanç-haýa, sypaýylyk ýaly çuň manylary özünde jemleýär. Şonuň üçin çaga terbiýesinde edeplilik baradaky düşünjä uly orun degişli bolup, bu hem gönüden-göni ýaşuly nesliň göreldesi bilen baglydyr. Sebäbi döwletiň berkligi jemgyýete bagly, jemgyýetiň sagdynlygy bolsa maşgala bilen dahyllydyr. Maşgala milletiň, jemgyýetiň galkynmagynda uly orun tutýan bolsa, maşgalanyň galkynmagynda perzende düşýän paý hem ýokarydyr.



Garaşsyz döwletimizde halkymyz hakynda edilýän aladalar ösüp gelýän ýaş nesil babatda durmuşa geçirilýän asylly işlerden gözbaş alýar. Şeýle hem bu asylly wezipelerde ata-babalarymyzdan gelýän milli däp-dessurlarymyza, türkmeniň döwletlilik ýörelgesine, perzent terbiýeläp ýetişdirmek babatda gazanylan köpasyrlyk tejribelere daýanylýar.

Mälim bolşy ýaly, çagalaryň hukuklary we goraglylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda kanunçylyk taýdan üpjün edilýär. Şeýlelikde, çaganyň iň gowy bähbitleriniň üpjün edilmegi babatda döwlet syýasaty üstünlikli amala aşyrylýar. Çaganyň bähbitleri babatdaky döwlet syýasaty bolsa olaryň ýaşamagynyň, saglygynyň, sazlaşykly ösüşiniň, eneligiň we atalygyň, at-abraýynyň, jemgyýetiň öňündäki deňliginiň goralmagyna, bilim almagy, dynç almagy, başlangyçlarynyň höweslendirilmegi, ýaşaýyş derejesiniň gowulandyrylmagy hakynda alada edilmegine, durmuşa uýgunlaşmagyna, çagalaryň arasynda hukuk bozulmalarynyň azalmagyna, bu ugurda iş alyp barýan hünärmenleriň taýýarlanmagyna gönükdirilendir. Şeýle-de, bu ugurdaky döwlet syýasatynda döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegine, çaganyň hukuklarynyň, azatlyklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagy çygrynda halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi üçin halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine ähmiýet berilýär. Bitarap döwletimizde çagalaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak boýunça uly işler durmuşa geçirilýär. Sagdyn nesilleriň kemala gelmegi ugrunda eneligi we çagalygy lukmançylyk taýdan goramak, olaryň aň we fiziki ösüşini üpjün etmek üçin zerur bolan serişdeleri goýbermek döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir.

Ýurdumyzda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmegi, degişli halkara guramalary bilen bähbitli hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi bu babatdaky döwlet syýasatynyň netijelidiginiň aýdyň görkezijisidir. Diýarymyzyň ähli ýerlerinde «Ene mähri» merkezleriniň, Çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezleriniň, seýilgäh toplumlarynyň, mekdebe çenli çagalar we bilim-terbiýeçilik edaralarynyň gurulmagy, olarda innowasiýanyň we sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy çagalar hakyndaky edilýän aladalaryň anyk mysallarydyr. Şunuň netijesinde berkarar döwletimiziň çagalary öz pikir-garaýşyny, isleg-arzuwlaryny erkin beýan etmek, saglygy goraýyş, ulag-aragatnaşyk ulgamynyň häzirki zaman hyzmatlaryndan peýdalanmak, tölegsiz esasda umumy orta bilimi almak, medeni gymmatlyklar bilen tanyşmak, zähmet çekmek, miras, eýeçilik we döwlet kömek puluny almak ýaly konstitusion hukuklaryndan peýdalanýarlar.

Pederlerimizden bize watansöýüjilik, maddy, medeni gymmatlyklar, ruhy-ahlak arassalygy, halallyk, gözellik älemine garaýyşlar, dana pähim-paýhaslar asyrlar aşyp gelip ýetipdir. Hut şonuň üçin hem nesillerde ata-babalarymyzyň wesýetlerine wepaly bolmak, Watan, halk bähbitleri üçin göreşmek, halal zähmet çekip ýaşamak, işlemek, döwrebap adamlar bolup ýetişmek hakyndaky duýgy-düşünjeleri kemala getirmek terbiýeçilik işiniň milli esaslarynyň biri hökmünde dowam etdirilýär. Çünki halkymyz özüniň köpasyrlyk durmuş tejribesinde terbiýe meselesini hemişe üns merkezinde saklaýar. Ata-babalarymyz terbiýeçilik işine iňňän jogapkärli çemeleşip, ony ýaşlaryň kalbyna ornaşdyrmagyň özboluşly ýollaryny ýörelge edinipdirler.

**Orazbibi MUHAMMETDURDYÝEWA,**
*Sakarçäge etrabyndaky «Bagtyýar nesil» atly 4-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçi-usulyýetçisi,*
*Kärdeşler arkalaşyklarynyň işjeň agzasy.*

# ÝAŞLAR – GELJEGIMIZI GURUJYLAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösdürmek boýunça taýsyz tagallalar edilýär, iri möçberli gurluşyk taslamalary üstünlikli amala aşyrylýar, ýurdumyzyň kanunçylyk-hukuk binýady pugtalandyrylýar. Şoňa görä-de, berkarar Watanymyz ýokary depginler bilen özgerýär, has-da kuwwatly ýurda öwrülýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň» üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen ýurdumyzyň günsaýyn özgerýändigine göz ýetirmek has-da ýakymly. Döwletimiziň ykdysadyýeti ýokary depginde ösýär, Watanymyz senagat taýdan ösen döwlete öwrülýär, bazar ykdysadyýetiniň özgertmeleri durmuşa ornaşdyrylýar, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleri barha ýokarlanýar we raýatlar üçin täze iş orunlary döreýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Watanymyzyň geljegi ýaşlarymyz bilendir. Olar ata Watanymyza, halkymyza wepaly, ata-babalarymyzyň döwletlilik we ynsanperwerlik ýörelgelerine eýerýän, zähmetsöýer, watansöýüji, päk ahlakly ýaşlar bolmalydyr» diýip belleýär hem-de ýaşlary belent adamkärçilikli sypatlary bilen döwletimiziň, halkymyzyň dünýädäki abraý-mertebesini has-da belende götermäge çagyrýar. Munuň özi ýaşlara bildirilýän ynamyň we buýsanjyň özboluşly beýanydyr.

Ýaşlaryň uly üns-alada bilen gurşalmagy, olaryň döwrebap bilim almagy, hünär öwrenmegi, döretmegi, gurmagy, sagdyn ruhly, berk bedenli bolup ýetişmegi, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmegi ugrunda edilýän tagallalar has-da begendirýär, buýsandyrýar. Köpetdagyň eteginiň taryhy künjeginde ýaşlar üçin Arkadag şäheri bina edildi. «Ýaşlaryň şäheri» diýlip ykrar edilen, halkara ykrarnamalaryna, halkara guramalarynyň, meşhur daşary ýurt kompaniýalarynyň şahadatnamalarynyň we diplomlarynyň 20-sinden gowragyna mynasyp bolan täze şäherde bu gün bilim-terbiýeçilik ojaklarynyň birnäçesi hereket edip, olarda ýaşlarymyz döwrebap bilim alýarlar, hünär öwrenýärler.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gymmatly kitabynda: «Biz ýaşlara eziz Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde garaýarys. Belent maksatlara ýetmekde ýurdumyzyň ýaş nesillerine aýratyn bil baglaýarys» diýen jümle bar. Bu çuňňur manyly jümlede ýaşlara bolan ynam, buýsanç äşgär duýulýar. Kitapda ýaş nesliň wekilleriniň durmuşymyzda we jemgyýetimizde tutýan ornuna mynasyp baha berilmegi eseriň täsirliligini we



ähmiýetini has-da ýokarlandyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitaby biziň ýankitabymyza öwrüldi. Häzirki wagtda harby talyplar hökmünde Belent Serkerdebaşymyzyň gymmatly öwüt-ündewlerinden ruhlanyp, Watanymyzyň asudalygy üçin özümiziň kämil bilimimizi has-da berkidýäris.

Diňe goranyş häsiýetine eýe bolan, ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyna doly laýyk gelýän Harby doktrinanyň ileri tutulýan wezipelerinden ugur alyp, edermen Watan goragçylary ýurdumyzyň parahatçylygyny we asudalygyny, halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün edýärler. Ýaşlaryň hukuk we durmuş goraglylygyny üpjün etmek, türkmen halkyna mahsus bolan ruhy-ahlak we medeni gymmatlyklary, sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek, watançylyk, ynsanperwerlik duýgularyny, raýat jogapkärçiligini terbiýelemek, olaryň

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
«TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY»
ATLY BÄSLEŞIGINE

başlangyçlaryny goldamak hem-de höweslendirmek milli maksatnamalaryň esasy ugurlarydyr. Şol wezipeleri üstünlikli amala aşyrmak maksady bilen, «Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» kabul edildi. Onuň çäklerinde kämil, berk bedenli we ruhy taýdan sagdyn, öz halkynyň taryhyny, medeniýetini we däp-dessurlaryny hem-de mizemez maşgala gymmatlyklaryny hormatlaýan şahsyýeti kemala getirmäge gönükdirilen anyk çäreler görülýär.

Ýurdumyzyň ýaş neslini watançylyk ruhunda terbiýelemek bilen bir hatarda, olara taryhy ösüşiň esasy maksatlaryny, häzirki zaman meýillerini, döwlet syýasatynyň ugurlaryny düşündirmäge, häzirki taryhy döwürde ýaýbaňlandyrylan ägirt uly özgertmeleriň many-mazmunyny açyp görkezmäge uly üns berilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, ata-babalarymyzyň geçen gahrymançylykly ýoly, Watanymyzyň şöhratly taryhy görelde mekdebidir. Halkymyzyň taryhy örän gadymy bolup, ol müňýyllyklary öz içine alýar. Türkmenler şumer, hindi, hytaý, müsür, grek, latyn amerikasy halklary ýaly, dünýä gaýtalanmajak maddy we ruhy gymmatlyklary bagyş eden gadymy halklaryň biridir.

Biz hem ata-babalarymyzyň geçen gahrymançylykly ýoluna buýsanyp, edermen ýaşlar bolup ýetişmek ugrunda giň tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Watanymyzyň mundan beýläk-de döwrebap derejede ösdürilmegine ähli güýjümizi gaýgyrman goşant goşjakdygymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýöl-ýörelgesinden ruhlanyp, kalby belent ynamdan hem-de milli buýsançdan doly ýaşlar hökmünde jogapkärli borçlara wepaly boljakdygymyza ynandyrasymyz gelýär.

**Bagtyýar ALLOWOW,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Harby institutynyň harby talyby.*

# ÝOLLARYMYZYŇ ASUDALYGY – HALKYMYZYŇ SAGLYGY

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Diýarymyz hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bedew bady bilen ynamly öňe barýar. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugynyň işini ýokary derejede alyp barmak ugrunda tagalla edilýär.**

**Ýokary tehnologiýalar ornaşdyrylan ýollarda hereket howpsuzlygyny üpjün etmek ýol hereketine gatnaşýan pyýadalaryň we ähli sürüjileriň borjudyr. Şonuň üçin sürüjileriň hem, pyýadalaryň hem ýollarymyzyň hadysasyz bolmagy üçin ýol hereketiniň düzgünlerini doly we dogry berjaý etmegi gerekdir. Ýol hereketinde sürüjiler hem, pyýadalar hem jogapkärli hereket etmeli bolýarlar. Sebäbi ýoldaky howpsuzlyk pyýadalaryň we sürüjileriň edýän umumy tagallalaryna baglydyr. Bu tagallalar birleşip, her bir sürüji we pyýada hereket howpsuzlygyny berjaý etse, onda ýol-ulag hadysalarynyň öňüniň alynmagy üçin uly mümkinçilik döreýär. Şu maksat bilen edara-kärhanalarda zähmet çekýän, orta we ýokary okuw mekdeplerinde okaýan ähli adamlar bilen düşündiriş we wagyz işleri yzygiderli guralýar. Şeýle täsirli maslahatlar, wagyz-nesihat çäreleri ýaş nesillerimiziň ýol hereketi baradaky düşünjeleriniň has-da çuňlaşmagyna özüniň uly täsirini ýetirýär.**




**Ýurdumyzda ynsan saglygyny, howpsuzlygyny gorap saklamak üçin uly tagalla edilýär. Ýollarda özüňi alyp barmagyň medeniýetiniň pyýadalar we sürüjiler tarapyndan doly berjaý edilmegi möhümdir. Ulag serişdeleriniň sanynyň artmagy ýol hereketiniň gözegçilikde saklanmagyny talap edýär. Şunuň bilen baglylykda, ýol hereketiniň düzgünleriniň doly berjaý edilmegi ugrunda ýurdumyzyň ähli künjeklerinde möhüm işler alnyp barylýar. Ýol hereketiniň düzgünleriniň doly berjaý edilmegi diňe bir degişli gulluklara bagly bolman, eýsem, her bir raýatyň borjy bolup durýar.**

**Herekete gatnaşmak öýümizden daşaryk çykanymyzda ilkinji ädimlerimizden başlanýar. Çagalarymyza ýoluň ugrundaky pyýadalar üçin ýörelýän ýerlerde, pyýada geçelgelerinde, dükanlaryň we awtoduralgalaryň töweregindäki hereket edýän awtoulaglardan, esasan hem, düzgünleşdirilmeýän pyýada geçelgesinden geçenlerinde, golaýlaşyp gelýän awtoulagdan ägä bolmaklaryny berk tabşyrmalydyrys.**

**Çagalar jemgyýetçilik ulaglaryna münenlerinde, howlukman, ulag doly durandan soňra münmelidir hem-de ulaglaryň awtomatik usulda açylyp-ýapylýan gapylaryna golaý durmaly däldir. Jemgyýetçilik ulagyndan düşenlerinden soň ulagyň öň tarapyndan geçmek nädogrudyr. Çagalara pyýada geçelgeleri aňladýan ýol belgilerini düşündirmeli. Ýol belgileri, ýerasty, ýerüsti pyýada geçelgeleri howpsuz hereket etmek üçin döwletimiz tarapyndan döredilen oňaýly şertlerdir.**

**Ýol hereketiniň kadalaryny gyşarnyksyz berjaý etmek, şeýle hem ünsli we seresap bolmak biziň her birimiziň borjumyzdyr. Çünki, ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygydyr, maşgalalarymyzyň abatlygydyr.**

**Ýalkap HUDAÝBERDIÝEW,**
***Ahal welaýatynyň Gökdepe etrap polisiýa bölüminiň Polisiýanyň ýol gözegçilik bölümçesiniň wagyz-nesihat işleri boýunça gözegçisi, polisiýanyň uly leýtenanty.***

# BILIM BERMEGIŇ DÖWREBAP USULLARY ORNAŞDYRYLÝAR

**Häzirki wagtda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek, giň gözýetimli, innowasion tehnologiýalardan baş çykarýan, bilimli ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek babatda uly tagallalar edilýär.**

**Hormatly Prezidentimiz ýakynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde ýurdumyzy ylmy taýdan ösen döwlete öwürmek üçin ylmy-barlag işlerini dowam etdirmegiň, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygynyň gerimini giňeltmegiň, ýurdumyzda çagalaryň döwrebap bilim-terbiýe almaklary, ýaş nesliň ukybyny, başarnygyny ýüze çykarmak we ösdürmek üçin bilim edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň möhümdigini nygtady. Okuw meýilnamalaryny, maksatnamalaryny, okuw kitaplaryny ösen halkara tejribä laýyklykda döwrebaplaşdyrmak boýunça işleri dowam etdirmegiň zerurdygynyň hem aýratyn nygtalmagy, orta we ýokary okuw mekdeplerinde mugallymlaryň işleriniň has-da sazlaşykly alnyp barylmagyna ýardam berer.**

**Döwrüň bedew batly ösüşleri hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda täze üstünlikler, rowaçlyklar bilen has-da öňe ilerleýär. Şeýle ösüşleriň esasy daýanjy bolsa bagtyýar ýaşlardyr. Türkmen ýaşlary beýik maksatlara tarap ynamly öňe barýan eziz Diýarymyzda okaýarlar, hünär öwrenýärler, özlerine bildirilýän belent ynama mynasyp jogap bermäge çalyşýarlar.**

**Taryhy ähmiýetli ösüşdir özgerişleriň ýoly bilen öňe barýan ýurdumyzda ylym-bilimi ösdürmäge, ýaşlary döwrebap ruhda terbiýelemäge aýratyn üns berilýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda geçirilýän giň gerimli özgertmeler bilim ulgamyny hem gurşap alýar. Ýurdumyzyň orta we ýokary okuw mekdeplerinde innowasion tehnologiýalardan giňden peýdalanylmagy ýaşlaryň düýpli bilim almagyna, daşary ýurt dillerini kämil özleşdirmegine uly ýardam edýär. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynyň netijesinde sanly bilimi ösdürmek, daşary ýurt dillerini kämil bilýän ýaşlaryň täze neslini kemala getirmek ileri**




**tutulýan ugurlaryň birine öwrüldi. Netijede, ýurdumyzyň bilim ojaklarynda berilýän bilimiň hili ýokarlanýar.**

**Döwrebap tehnologiýalaryň, şeýle hem maglumat-telekommunikasion ulgamlaryň ösmegi ýaşlara zerur bolan maglumatlary özleşdirmäge mümkinçilik berýär. Geljekki hünärmenleriň zähmet işi bilen gönüden-göni bagly bolan öňdebaryjy tehnologiýalarda işlemegi üçin daşary ýurt dillerini bilmegi zerurdyr. Daşary ýurt dillerini okatmagyň, öwretmegiň iň täze ugurlary kemala gelýär, çünki sanly ulgamyň ösmegi bilen, okatmagyň we bilim bermegiň usulyýeti kämilleşýär.**

**Daşary ýurt dillerini öwrenmekde tehniki serişdeleriň yzygiderli ulanylmagy häzirki döwrüň talabydyr. Olar talyplaryň gepleşik başarnyklarynyň we endikleriniň ösmegine ýardam edýär. Ol tehniki serişde bilen daşary ýurt diliniň hakyky nusgasy bilen tanyşýar. Tehniki serişde bilen ol öz sözleýşini deňeşdirip görmäge, ýalňyşlaryny düzetmäge mümkinçilik tapýar, netijede bu ugurda bar bolan bilimlerini kämilleşdirýär. Tehniki serişdeler sapaklaryň has çalt depginde we gyzykly geçmegine, okuw maglumatynyň göwrümini giňeltmäge amatly şert döredýär.**

**Türkmen ýaşlary ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamynda üstünlik gazanyp, belent sepgitlere ýetip, ata Watanymyzyň abraý-mertebesini has-da belende göterýärler. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda bilim ulgamyny has-da kämilleşdirmek, ähli pudaklara sanly ulgamy ornaşdyrmak ýaly asylly başlangyçlar jemgyýetimiziň sazlaşykly ösüşini üpjün etmekde bahasyna ýetip bolmajak uly güýç bolup durýar.**

**Bilim ulgamynda ýokary derejelere eýe bolan ýurdumyz dünýä ýurtlarynyň ylym-bilim merkezleri bilen gatnaşyklary yzygiderli giňeldýär. Bu bolsa türkmen ýaşlarynyň häzirki zaman ylmyny çuňňur öwrenmeklerine, şeýle-de daşary ýurt dillerini netijeli özleşdirmeklerine giňden ýardam edýär.**

**Nökerguly AŞYROW,**
***Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.***

# PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARYNDA SÖZÜŇ GYMMATY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamy ösdürilýär we kämilleşdirilýär. Döwlet Baştutanymyz nesilleriň kämil ylym-bilim, edep-terbiýe alyp, Watanymyza, il-günümize hyzmat etmegi üçin ähli zerur şertleri döredýär. Türkmen halkyny dünýä tanadan akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň öwrenilmegi gaýtalanmajak şahsyýetdiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Magtymguly Pyragynyň döredijiligine ser salanyňda, şahyryň adamyň durmuşy bilen bagly ýüzlenmedik temasy ýokdur. Çünki akyldar şahyryň döreden eserleriniň hemmesi söz üsti bilen beýan edilmekden başga-da, her bir aýdylýan sözüň gadyr-gymmaty barada hem aýratyn durup geçýär:

***Sözlär bolsaň, söz aslyna ýet ýagşy...***

ýa-da,

***Magtymguly, sözüm gysga şerhi köp...***

Dünýäde näçe adam bar bolsa, şonça-da aň taýdan ösen dürli pikirler bardyr. Muny söz ussady «Golda bary bolmasa» diýen şygrynda ýerlikli belläp geçýär:

***Dünýäde aňlardan aňlamaz kändir,***
***Bilmez bir beladyr, bilenler-jandyr,***
***Ol ýigitler adam tilli haýwandyr,***
***Söz aňmasa hem ykrary bolmasa.***

ýa-da:

***Magtymguly, ýoldan çykmaz,***
***Ýamana ýagşy söz ýakmaz,***
***Müň söz aýtsaň, biri ýokmaz,***
***Taňrysy guýman ýigide.***

Söz ussadymyz Magtymguly Pyragy hem öz döredijiliginde atalar sözüni, nakyllary, çeperçilik serişdelerini ussatlarça ulanyp, az sözde çuň many aňlatmagyň nusgasyny bize miras goýan beýik şahsyýetlerimiziň biridir:

***Magtymguly, öwüt bergin söz bilen,***
***Eşiden deň bolmaz gören göz bilen...***

Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda şahyryň söze, sözlemek edebine bolan garaýşy, bu meselede türkmen halkynyň milli özboluşlylygy örän aýdyň görünýär:

***Nep almaýan kişi sözden, öwütden,***
***Enaýlygy ýokdur gury söwütden...***

ýa-da:

***Magtymguly, akly bolan söz keser,***
***Söz diýiňler, erse ol nejis öser,***
***Kim biler, ol närse dünýäni basar,***
***Köpler namut bolar jesetde jandan.***

Şahyr söz manysyny aňmaýanlary, dile düşmezleri, nesihat ýokmazlary gury söwüde, peýdasy degmeýän daragta deňeýär. Bu hakykatdan hem şeýle. Jemgyýetde her bir adama söz manysyny aňyşyna, akylyna, gep urşuna görä baha berilýär. Ata-babalarymyz adamy gep urşundan tanar ekenler.

Magtymguly Pyragynyň döredijiligini söz bilen beýan etmegiň çägi ýok. Şonuň üçin şahyr şygyrlarynyň arasynda aýdylýan sözleriň setirlerde beýan edip bolmaýandygyny şeýle belleýär:

***Joşgun geldi, hetdim ýardy, söz aşdy,***
***Bu ýollardan dogry baran düz aşdy,***
***Bihuda imesdir ömrüň güzeşti,***
***Her çäştiňe bir günüňi satar sen.***

Şeýle hem beýik söz ussadynyň söz bilen baglanyşykly döreden şygyrlarynyň arasynda esasy öňe saýlanany az sözlülik bolup durýar. Magtymguly Pyragy az we saz sözlemegiň tarapdary bolupdyr:

***Aklyň bolsa märekede az sözle,***
***Köp söz seni il içinde har eýlär...***

Az sözlülik bilen bir hatarda beýik söz ussadymyz dogry sözlüligi, hoş sözlüligi hem ündäpdir:

***Hoş sözüň diý, gahryň gizle,***
***Sözläbilseň, ýagşy sözle...***

Akyldar şahyrymyzyň döredijiliginiň gadyr-gymmaty wagt geçdigisaýy barha belende galýar. Muny şahyryň şu aşakdaky setirleri subut edýär:

***Magtymguly, sözle herne bileniň,***
***Özüňe kemlik bil aýtman öleniň,***
***Taraşlap şaglatgyn köňle geleniň,***
***Senden soňkulara ýadygär bolar.***

Magtymguly Pyragynyň söz ussatlygy, türkmen durmuşynyň ensiklopediýasy hasaplanmaga doly mynasypdyr.

**Muhammet GELDIÝEW,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili kafedrasynyň mugallymy.*

# MAGTYMGULYNYŇ RUHY-AHLAK PIKIRLERI UMUMADAMZAT HAZYNASYDYR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Magtymgulynyň şahyrana-pelsepewi edebi mirasy Beýik Biribara, Watana, ynsana, tebigata, adamzat durmuşyna belent söýginiň aýdymy bolup, halkyň ýürek töründe baky orun aldy. Bütin dünýäniň pelsepewi pikirlerini ösdüren, çeperçilik aňyny nurlandyran, dünýewi durmuşy çeper şöhlelendiren akyldaryň çuňňur paýhasy örän gymmatlydyr. Magtymgulynyň pähim-parasadynyň Amerikada, Ýewropada, Ýakyn we Orta Gündogarda, Hindistanda, Uzak Gündogar we Ýuwaş ummany sebitlerinde, GDA-nyň agzasy bolan ýurtlarda giň dabaralar bilen ýaýrandygyny, beýik şahyryň şygyrlar diwanynyň halklary we döwletleri baglanyşdyrýan özboluşly ruhy halka öwrülendigini Gahryman Arkadagymyz belläp geçýär. Magtymgulynyň ruhy-ahlak pikirleri umumadamzat derejesinde bolup, şonuň bilen birlikde ýaş nesil üçin hem genji-hazynadyr. Şahyr ahlaklylygy ýagşylyk-ýamanlyk, jan-ten, ýalançy-pany düşünjelerine esaslanyp, bagtyň hoşgylawlygyň, ýagşylyk etmegiň ýol-ýörelgesini öwredýär. Beýik söz ussady öz esasy wezipesine adamy ruhy tarapdan gülletmek, sagdynlaşdyrmak diýip düşünipdir. Magtymgulynyň ahlak medeniýete düşünişiniň häsiýetli taraplarynyň biri, onda ençeme ahlak ugurlaryň ynanja utgaşmagydyr. Şoňa görä-de, şahyryň ahlak garaýyşlary dini, dünýewi, ahlak ýörelgeleri bilen utgaşyp gidýär. Magtymguly öwüt-nesihat häsiýetli şygyrlarynda halkyň durmuşynda duş gelýän däp-dessurlaryň köpçülige peýdaly, oňat taraplaryny nesihat edipdir. Aýratyn hem ol dostlugy, myhmanparazlygy, dogruçyllygy, agzybirligi taryplapdyr.



Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli 2024-nji ýylyň «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip atlandyrylmagy halkymyzyň agzybirligini, jebisligini arzuw eden akyldar şahyrymyzyň sarpasynyň bütin türki halklaryň dünýäsinde iňňän belentdigine aýdyň şaýatlyk edýär.

Magtymguly Pyragy diňe bir türkmen edebiýatynda däl, eýsem, türki dilli edebiýatyň taryhynda hem uly öwrülişigi döreden şahyr. Bu barada akademik W.Bartold «Ähli türki halklaryň arasynda diňe türkmenleriň öz milli şahyry Magtymgulysy bar» diýip belleýär. Magtymgulynyň döwrüne çenli bolan türki dilli edebiýatda, şol sanda türkmen edebiýatynda hem umumy halk durmuşy aýdyň suratlandyrylmandyr. Şeýle hem akyldar şahyrymyzyň döredijiliginiň öňki türki dilli edebiýatdan tapawutlandyrýan ýagdaý, onuň şygyrlarynda beýan edilýän anyk taryhylykdyr.

Magtymguly Pyragy sözüň güýji, gudraty bilen şygryýet äleminde ady arşa galan beýik akyldar şahyrdyr. Magtymgulynyň şygryýet älemi türkmen edebiýatynyň buldurap akýan, çuňňur mana we çeper söze teşne kalplary gandyrýan çeşmedir. Milli medeniýetimiziň ösüşini, Magtymgulynyň bahasyna ýetip bolmajak edebi mirasyny, terbiýe mekdebini hem-de filosofiki garaýyşlaryny, onuň eserleriniň türkmen, dünýä edebiýatyny baýlaşdyrmaga eden täsirini ylmy taýdan öwrenmek, şahyryň döredijiligini Ýer ýüzünde wagyz etmek bilen baglanyşykly amala aşyrylýan giň gerimli işleri hormatly Prezidentimiziň tagallasyndan üzňe göz öňüne getirmek mümkin däl. Akyldar şahyrymyzyň ýokary derejede neşir edilen we oňat bezelen täze neşirleri ýurdumyzyň kitaphana gaznalarynyň üstüni ýetirýär. Gahryman Arkadagymyz nusgawy şahyryň ömri we döredijiligi, filosofiki garaýyşlary hakyndaky pikirlerini, aýdan sözlerini «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly ajaýyp eserinde beýan edýär. Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragy» medaly döredilip, bu medala türkmen medeniýetini ösdürmäge, nusgawy şahyryň döredijilik mirasyny ylmy taýdan öwrenmäge we wagyz etmäge saldamly goşant goşan ildeşlerimiziň köpsanlysy, şeýle hem daşary ýurtlaryň wekilleriniň ençemesi mynasyp boldular. Köpetdagyň etegindäki gözel künjekde gurulýan Magtymguly Pyragynyň keşbini ebedileşdirýän ýadygärlik akyldar şahyrymyzyň sarpasynyň nä derejede belentdigini jümle-jahana aýan edýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatlylyk bilen belleýşi ýaly, ynsan kalbyna ýagşylyk şuglasyny çaýýan Magtymguly Pyragynyň pähim-paýhasy biziň jemgyýetimizde has-da rowaçlanýar.

Türkmen edebiýaty, türki edebiýatyň aýrylmaz bir bölegidir. Sebäbi, türkmen milleti, türki halklaryň we türk dünýäsiniň iň gadymy agzalarynyň biri, hatda onuň köki hem gönezligidir diýsek hem ýalňyşmarys. Hut şonuň üçin hem türkmen edebiýatyny we onuň beýik hem görnükli wekili Magtymguly Pyragynyň döredijiligini bütin Gündogar edebiýatynyň çygrynda ele alyp öwrenýäris. Magtymguly öz döredijiliginde esasy orny, halkynyň egsilmez baýlygy we ata-babalarynyň gözel mirasy bolan halk folkloryna berýär. Şonuň üçin hem şahyryň goşgulary halk köpçüligi üçin örän düşnükli hem-de şeýle bir ýakymly, täsirli bolup, halkyň ruhuna we bütin kalbyna ornaýar. Şahyr öz edebi däbinde uly bir täzelik getirýär, ýagny goşgularyny öz döwründäki türkmen halk köpçüligine örän düşnükli dilde ýazýar. Şeýlelikde, milli türkmen edebiýatynyň düýbüni tutýar. Magtymguly bu ýörelgäni zamanasynyň talaplaryna laýyklykda ösdürýär. Şahyr sada türkmen dilinde-de uly edebiýaty döredip boljakdygyny, onuň çeper döredijilik üçin mümkinçiliginiň örän uludygyny subut edýär. Şonuň bilen baglylykda, Magtymgulynyň eserleriniň halkymyz üçin esasy gymmatlygy onda türkmen diliniň örän arassa nusgalarynyň barlygyndadyr. Bu hili nusgalary şahyryň at-ýarag hakynda ýazan şygyrlarynda görmek bolýar. Munuň ýaly ýagdaý gündogar halklarynyň edebiýatynda juda seýrek duş gelýär. Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň ady, şygyrlary dünýä dillerinde ýaň salýar. Çünki, Magtymguly halkymyzyň azat-erkin bolmagyny arzuwlady we öz arzuwynyň hasyl boljakdygyna tüýs ýürekden ynandy. Şahyryň arzuwy hasyl boldy. Şonuň üçin hem Magtymguly Pyragy türkmeniň akyldar şahyry hökmünde dünýäniň köp halklaryna meşhur boldy.

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

# BOBSLEÝ – SPORTUŇ GYŞKY GÖRNÜŞI

Häzirki wagtda dünýäde sportuň ýüzlerçe görnüşi bolup, olaryň hersiniň janköýeri bar. Sport bilen meşgullanmak, sport ýaryşlaryna tomaşa etmek adamlaryň irki döwürlerden bäri esasy pişeleriniň biridir. Sportuň käbir görnüşini islendik ýerde geçirip bolýar. Sportuň käbir görnüşi bolsa howanyň ýagdaýyna baglylykda guralýar. Şeýle sport görnüşleriniň biri bolan bobsleý sportuň gyşky görnüşleriniň toparyna girýär.

Ilkibaşda uly metal çanakda buz bilen örtülen aýlawly ýodadan aşak süýşmek arkaly geçirilen sportuň bu görnüşi 1890-njy ýyllarda Şweýsariýada döreýär. 1924-nji ýylda gyşky Olimpiýa oýunlary esaslandyrylanyndan bäri, maksatnamada bar bolan bobsleý ýaryşlary ýekeleýin, jübütleýin, 4 türgenli we garyşyk jübütleýin görnüşde geçirilýär. Kiçijik tigirçekli gozagyň içinde uzyn oturgyç bolup, dolandyryjy we el bilen togtadyjy bilen enjamlaşdyrylan. Türgenler gozagy itekläp, bat alandan soň, çaltlyk bilen onuň içine münýärler. Ýokardan aşaklygyna gaýdýan, çylşyrymly öwrümleri bolan ýodada geçirilýän bobsleý ýaryşynyň dowamynda adatça 1 müň 500 metr ýol geçilýär. Dört adamlyk gyşky sport ulagynyň sagatdaky tizligi 160 kilometre çenli baryp ýetýär.



### BOBSLEÝIŇ TARYHY

Monreallylar (Kanada) 1870-nji ýyllarda kellesine ýüňden örülen topby geýip, tobogganda (öňi egrelip duran typançak tagta) tagtasynda buzda typypdyrlar. Bu ilkinji bobsleý diýlip aýdylýan hem bolsa, bobsleýi döreden şweýsariýalylardyr. 1897-nji ýylda Şweýsariýanyň Sankt-Moris şäherinde ilkinji bobsleý kluby döredilýär. 1914-nji ýylda Ýewropanyň birnäçe ýurdunda 100-den gowrak dag şypahana lyža we bobsleý okuwlary açylýar. Bobsleý 1924-nji ýylda geçirilen ilkinji gyşky Olimpiýa oýunlaryna sportuň özboluşly görnüşi hökmünde girizilýär. Şol ýyl şweýsariýalylaryň ýokary netije görkezendigine garamazdan, 1950-nji ýyllarda kanadaly bobsleýçiler halkara derejesinde bäsleşip başlaýarlar. Bobsleýiň halkara derejesi 80-nji ýyllaryň ortalarynda has-da ýokarlanyp, 1988-nji ýylda geçirilen gyşky Olimpiýa oýunlarynda 11 million dollarlyk ýörite bobsleý ýoly gurulýar. 1990-njy ýylda Germaniýanyň Winterberg şäherinde bobsleý boýunça geçirilen halkara Olimpiýa ýaryşyna ilkinji gezek zenanlar gatnaşdyrylýar. Ýaryşa Ýewropadan we





Demirgazyk Amerikadan birnäçe zenan türgen gelip, Halkara Olimpiýa komiteti gyşky Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna resmi däl ýagdaýda zenanlaryň gatnaşmagyna rugsat berýär.

Bobsleýde esasy öwrülişik 2014-nji ýylda bolup geçýär. Şol ýyl Halkara bobsleý we skeleton federasiýasy (IBSF) bobsleýde zenanlaryň (dört adamlyk) erkekler bilen deň derejede gatnaşmagyna rugsat berýär. Halkara bobsleý we skeleton federasiýasy 1923-nji ýylyň 23-nji noýabrynda esaslandyrylyp, onuň merkezi edarasy Şweýsariýanyň Lozanna şäherinde ýerleşýär.

Bobsleý ilkibaşda sportuň 2 we 4 türgeniň arasynda geçirilýän görnüşi diýlip tassyklanan hem bolsa, 2016-njy ýylda «monobob» görnüşi goşulýar. «Monobobda» her tarapdan 1 türgen gatnaşyp, gozagy ýeke özi itekleýär, sürýär we dolandyrýar. Bobsleýiň «monobob» görnüşinde türgenler sagatda 120 kilometr ýol geçýärler. Bobsleýde ilkinji 50 metr türgenler üçin ýaryşyň möhüm bölegi bolup, şol aralykdaky tizlik türgeniň çempion bolup-bolmajagyny kesgitläp bilýär. Bobsleý ýaryşlarynda, esasan hem, germaniýaly, şweýsariýaly, amerikaly, kanadaly türgenler öňdäki orunlary eýeleýärler.

# 21-nji fewral – Halkara ene dili güni

Her ýylyň 21-nji fewralynda Halkara ene dili güni bellenilýär. Bu sene sözleýşi ösdürmek, medeni dürlülige düşünmek we köp dilliligi öňe sürmek maksady bilen Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan döredilýär. Ilkibaşda bu sene ÝUNESKO tarapyndan 1999-njy ýylyň 17-nji noýabrynda yglan edildi. 2002-nji ýylda bu barada BMG tarapyndan karar kabul edilip, resmi taýdan ykrar edildi. 2007-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan dil hakynda Rezolýusiýa kabul edilip, 2008-nji ýyl «Halkara diller ýyly» diýlip yglan edilýär. Halkara ene dili güni ýurtlaryň arasynda bilim, sport, ýaşlary geljege ruhlandyrmak, edebiýat we jemgyýetçilik gatnaşyklary ýaly dürli çäreler geçirilýär.



Bilşimiz ýaly, dünýäde häzirki wagtda resmi taýdan belli bolan 7 müňe golaý dil bar. Ene dili her milletiň we halkyň özara düşünişmek üçin ulanýan dili bolup, resmi dilden, halkara dilden we döwlet dilinden tapawutlanyp bilýär. Köp ýurtda birden köp, hatda onlarça millet ýaşaýar. Käbir halkyň dili «döwlet dili» derejesinde alnan hem bolsa, käbir halkda ene dilini az sanly adam ulanýar. Ene dilinde ata-babalardan gelýän gadymy sözler, medeni däp-dessurlar bilen baglanyşykly adalgalar, halk döredijilik eserleri esasy orny eýeleýär. Ene dili halkyň ýaşaýan ýerine baglylykda dürlüçe ses üýtgeşmeleri, manydaş sözleriň aýratynlygy esasynda hem ulanylyp bilner.

Diller maddy we maddy däl mirasy gorap saklamagyň we ösdürmegiň iň güýçli guralydyr. Adamlar köp dil öwrenip bilerler, emma öz ene dilini doly bilmegi, gepleşikde ulanmagy we geljekki nesillere öwretmegi esasy borçlaryň biri hasaplanýar. Ene dilini ösdürmek medeni däp-dessurlary ösdürmek diýmekdir. Haýsydyr bir halkyň ene dilini öwrenmek esasynda şol halkyň taryhy, däp-dessurlary we edim-gylymlary bilen ýakyndan tanşyp bolýar. Dil janly gepleşik serişdesi bolup, her halkyň özüne mahsus ähli aýratynlygy ene dilinde saklanýar.

## Saz diňlemegiň peýdasy

Ruhy taýdan nähili ýagdaýda bolsagam, aýdym we saz hemişe bize ýakyn. Saz adama şeýle bir täsir edýär welin, gynanan pursadymyz begendirip, şatlykly wagtymyz gam-gussa batyryp bilýär. Alymlaryň geçiren barlaglaryna görä, halaýan aýdym-sazyňy diňlemek beýnidäki «oňyn energiýany we duýgulary» ýüze çykarýar. Şol wagt adamyň şähdi açylyp, işjeňligi artýar. Gaýgy-aladalary ýatdan çykyp, özüni rahat duýýar. Gadym döwürlerde saz diňlemek arkaly keselleri bejermek usulynyň ulanylandygy barada hem eşiden bolsaňyz gerek. Boş wagtyňyz özüňiziň halaýan sazlaryňyzy ýa-da aýdymlaryňyzy bir ýere jemläp, albomörediň! Gaýgylanan ýa gaharlanan mahalyňyz ýa-da ýadaw halatyňyz ümsümlik ýere geçip, şol sazlary diňläň!



**Sazyň adama täsirini şeýleräk beýan edip bolar:**

- ✓ Aňy köşeşdirýär.
- ✓ Ýüregi giňeldýär.
- ✓ Agyryny ýeňilleşdirýär.
- ✓ Gahary peseldýär we köşeşdirýär.
- ✓ Immuniteti güýçlendirýär.
- ✓ Işdäňi açýar.
- ✓ Gowy zatlar hakynda pikir etmäge mümkinçilik berýär.
- ✓ Ünsüňi bir ýere jemleýär.
- ✓ Ýatkeşligi güýçlendirýär.

Diňe saz ýa-da aýdym diňlemek bilen çäklenmän, eýsem, saza goşulyp aýdyma hiňlenmegiň ýa-da başardygyňdan höwes edýän saz guralyňy çalmagyň hem saglyk üçin köp peýdasy bar. Edil maşk edilendäki ýaly, aýdyma hiňlenilende ýa-da saz çalnanda endorfin gormonlary bölünip çykýar. Bedendäki agyrylary aýyryjy bu gormon özüňi rahat we bagtly duýmaga kömek edýär. Şeýle hem özüňi ele almaga ýardam edip, stresi we ýalňyzlyk duýgusyny peseldýär.

Bilermenler ata-enelere çagalarynyň kiçilikden saz çalmagy öwrenmegini höweslendirmegi maslahat berýärler. Aýdym-saz çaganyň zehinini açyp, özüne bolan ynamy güýçlendirýär. Saz çalýan çagalar özüni başarjaň alyp baryp, okuw derslerinde üstünlik gazanýarlar. Saz çalmak matematiki hasaplamalar ýaly ýady güýçlendirip, çagalaryň gözellikleri duýmak ukybyny ösdürýär.

# Edil täze ýaly

**Köpler reňkli egin-eşikleri geýmegi halaýan hem bolsa, käbir adam geýim-gejimlerden ak reňklisini saýlaýar. Käbir adam howanyň yssy günleri ak egin-eşikleri geýmegi kem görmeýär. Çalt kirleýändigi, hapa ýokduryandygy sebäpli ak eşikler geýlende käbir meseleler hem ýüze çykýar. Mysal üçin, naharlanyp oturan wagtyňyz ýagyň ýa-da şiräniň dammagy, daşarda oýnap ýören çagaňyzyň ylgap gelip sizi gujaklamagy bilen gara tegmilleriň peýda bolmagy, çaýyň ýa-da kofeniň dökülmegi... Şeýle ýagdaýlarda ak eşigiňizde peýda bolan tegmillerdir yzlary aňsatlyk bilen aýryp, ak lybasyňyzy edil täze ýaly edip bolýar. Geliň, ak egin-eşiklerdäki hapalary aýyrmagyň käbir usullaryny öwreneliň!**

### Ýag tegmillerini nädip aýyrmaly?

Geň galmaly zatlaryň biri, ak egin-eşiklerdäki ýag yzlaryny hek bilen aýryp bolýar. Eşigiň ýag daman ýerine hek sürtmeli, soňra ýumşak çotga bilen süpürmeli. Muny 2-3 gezek gaýtalanyňdan soň, eşigi ýuwsaň hem bolýar. Gabardyjy toz hem ýagyň yzyny aýyrmakda oňaýly serişdeleriň biridir. 2-3 çaý çemçesi gabardyjy tozy eşigiň ýag degen ýerine sepip, 10 minut töweregi goýmaly. Soňra ýumşak çotga bilen çotgalamaly. Eger ýagyň yzy çalarak aýrylan bolsa, onda ak eginbaşa ýene-de gabardyjy toz sepip, ýaňky yzygiderliligi ýerine ýetirmeli. Gap-gaç ýuwujy serişde hem eşige ýokan nahar ýagynyň yzyny aýyrmakda peýdalydyr. Birnäçe damja suwuk sabyny eşigiň ýag daman ýerine sürtüp, gyzgyn suwda ýuwmak hem ak lybasdaky tegmili aýyrmakda amatly usullaryň biridir.



### Gyzyl tegmilleri nädip aýyrmaly?

Pomidor ýa-da miwe şiresiniň ak egin-eşige düşen yzyny aýyrmak hem onçakly kyn däl. Bu ýagdaýda, ilki bilen ak lybasyň gyzyl tegmilli ýerini ýuwmaly. Soňra bir-iki çümmük duz sepip, 5 minut goýmaly. Soňra «duzlanan» ak köýnegiň tegmilli ýerini sowuk suw bilen mazaly ýuwmaly-da, guraýança garaşmaly. Eger-de çalaja gyzgylt öwüsýän bolsa, ýene-de duz sepip ýaňky yzygiderliligi ýerine ýetirmeli. Gyzyl şiräniň ak köýnege ýokan ýeri kiçiräk nokat görnüşinde bolsa, kir ýuwujy serişde bilen ýuwmak arkaly hem ýagy aýryp bolar.

### Iýmit tegmillerini nädip aýyrmaly?

Iýmit tegmilleriniň köpüsini sowuk suw bilen ýuwmak arkaly aýryp bolýar. Egin-eşigiň hiline, matanyň görnüşine baglylykda käwagt tegmil yzlary aýrylman biler. Ak eşige üwmeç, şokolad ýaly iýmit galyndysy degen bolsa, pürküji gaba 1 bulgur suw we 3-4 damja sirke guýup, tegmilleriň üstüne sepmeli. 20-30 minut geçenden soň, kir ýuwujy serişde bilen mazaly ýuwmaly.

### Kofe we çaý tegmillerini nädip aýyrmaly?

Çaýyň ýa-da kofeniň tötänlikde egin-eşige dammagy gündelik durmuşda duş gelinýän ýagdaýlaryň biridir. Şeýle ýagdaýda ak eginbaşy bada-bat çalşyrmaly we tegmiller guramanka akar suwda 5 minut töweregi ýuwmaly. Tegmiller aýrylmasa, suwuk sabyn sürtüp, sowuk suwda ýuwmaly.

# ÇAGALAR

**Ýer ýüzünde gurbagalaryň 7 müň 400-den gowrak görnüşi bar.**



## Oglanjyk we gudrata ynam

Ertekileri okamagy halaýan bir oglanjyk, kitaplardaky gudrata we täsinliklere ýüregi bilen ynanypdyr. Şonuň üçin ol adaty durmuşda hemişe haýsydyr bir gudratyň gözleginde bolupdyr. Ýöne näme üçindir ol özüniň söýüp okaýan ertekilerindäki bolup geçýän gudrata duş gelmändir.

Günleriň bir güni oglanjyk öz gözleglerinden göwni geçip, enesinden:

– Ene, aý ene, eýsem sen, gudrata ynanýaňmy?! Ýa-da durmuşda onuň ýaly zat bolmaýarmyka? – diýip sorapdyr.

– Balajygym – diýip, enesi mähir bilen agtygynyň başyny sypap:

– Eger-de sen gowy ýigit bolup ýetişseň, okan ertekileriňdäki gudratlaryň ählisi hasyl bolar. Gudratyň gözlenmeýändigini, belki-de onuň gowy ynsanlary özüniň gözläp tapýandygyny unutma! – diýip ýylgyrypdyr.

## Näme üçin gämiler SUWA ÇÜMMEÝÄR?



**Islendik bir agyr zady suwa oklanymyzda onuň az salymda çümüp gidýändigini görýäris. Emma äpet ýük gämileri, syýahatçylyk maksatly kruiz gämileri ummanlarda arkaýyn ýüzüp ýör. Eýsem, näme üçin gämiler suwa çümmeýär?**

Grek akyldary Arhimediň ýörelgesine görä, bir jisim suwuň üstünde hereket edende güýçlendiriji güýjüň jisimi ýokary itýändigi aýdylýar. Suwuň ýüzünde agyr jisimleriň ýüzmegi, esasan, dykyzlyk bilen bagly bolup, massasy has jebis jisimler suwa çalt çümýär. Mysal üçin, agaç bölegi suwda gowy ýüzýär. Sebäbi onuň dykyzlygy pes. Gurşun böleginiň kiçijikdigine garamazdan, suwa çalt çümýär. Sebäbi gurşunyň göwrüminde has köp massa bar. Gurşundaky agyrlyk güýji güýçlendiriji güýçden ýokary, şonuň üçin suwda ýüzüp bilmeýär.

Ullakan gämilerde ýüzlerçe müň tonna agram bolup biler. Emma gämiler çümmeýär. Gämileriň suwuň ýüzünde saklanmagyna kömek edýän zat – gäminiň gurluşy we içindäki zatlar. Mysal üçin, gäminiň agyr bölegi (hereketlendirijiler, demir ilgençekler) onuň düýbünde ýerleşdirilýär. Bu gäminiň deňagramlylygyny saklamagyna ýardam edýär. Şeýle hem gämileriň köpüsiniň gabarasy ýeňil polat örtüklerden ýasalýar. Ýük gämilerinde deňagramlylygy saklamak üçin agyr ýükler aşakdan goýulýar. Gäminiň ýüzmegini üpjün edýän esasy zat onuň içindäki howa boşlugydyr. Howa gäminiň agramynyň dykyzlygyny azaldyp, suwuň ýüzünde arkaýyn ýüzmegini üpjün edýär. Eger-de gäminiň ortaça dykyzlygy suwuň dykyzlygyndan has ýokary bolsa, onda gämi suwa batar. Gämi suwa goýberilende aşagyndaky suwy iki gapdala itýär, ýagny ýerini üýtgedýär. Suw bolsa, gämini ýokary itýär. Suwuň itiş kuwwaty gämi suwa goýberilende ýerini üýtgeden suwuň mukdaryna deňdir. Islendik zadyň suwuň ýüzünde durmagy üçin onuň göwrüminiň umumy dykyzlygynyň suwuň dykyzlygyndan az bolmagy ýeterlikdir. Şol sebäpli gämiler gurlanda onuň göwrüminiň ortaça dykyzlygynyň suwuňkydan az bolmagyna üns berilýär. Gämi gark bolanda içine suw girip, howany güýçlendirýär. Şeýle ýagdaýda gäminiň dykyzlygy suwuň dykyzlygyndan has ýokary bolýar.

## ULLAKAN AGYZLY, «ŞAHLY» GURBAGA

**Ýer ýüzünde gurbagalaryň 7 müň 400-den gowrak görnüşi bar. «Ceratophryidae» maşgalasyna degişli bolan owadan şahly gurbaga Günorta Amerikada duş gelýän endemik görnüşdir. Kellesinde şah şekilli ösüntgisi bolandygy sebäpli, beýleki gurbagalardan tapawutlandyrmak üçin bu jandara «şahly gurbaga» diýip at goýlupdyr. Argentinanyň, Urugwaýyň we Braziliýanyň batgalyklarynda ýaşaýan bu şadyýan jandaryň bedeni garamtyl-ýaşyl bolup, albinos (ak reňkli) görnüşleri hem duş gelýär.**



**Şahly gurbaganyň beýleki gurbagalardan tapawutly aýratynlygy bedeniniň ýarysyny tutýan ullakan agzydyr. Şahly gurbaganyň ululygy 11-17 santimetre ýetýär. 6-7 ýyl ýaşaýan bu gurbagalar aw edende hereketsiz we sessiz agzyny açyp ýatýarlar. Soňra agzyna ilen zady iýmäge synanyşýarlar. Şahly gurbaga mör-möjekler, ownuk gemrijiler we hažžyklar bilen iýmitlenýär. Köp iýip-içýändigi sebäpli, bu gurbaga «Pacman» lakamy dakylypdyr. Häzirki wagtda şahly gurbagalary ylmy esasda düýpli öwrenmek işleri dowam etdirilýär. Gurbaganyň bu görnüşine haýwanat baglarynda hem duş gelmek bolýar.**

## KOMPÝUTERE MEŇZEŞ SAZ GURALY

Ýaponiýanyň «Suzuki» kompaniýasynyň hünärmenleriniň 1981-nji ýylda işläp taýýarlan «Omnichord» (omnikord) atly saz guralynyň täzeçil görnüşi köpçülige ýetirildi. Dünýäniň iň täsin saz gurallarynyň biri bolan omnikordda 80-nji ýyllaryň sazlaryny ýadyňa salýan 108 tona çenli arfa sesi bar. Elektron saz guralynyň düwmeleri kompýuteriň klawiaturasyna meňzeş bolup, barmaklaryň bilen basyp çalmaly. Saz guralyň sag böleginde ses gataldyjy bolup, çep tarapynda akkord, ýagny sesi sazlamak üçin düwmeler ýerleşýär. Üstümizdäki ýylyň iýun aýynda bu saz guralynyň köpçülikleýin satuwy başlanar. Saz guraly sagat batareýasy hem-de zarýad berilýän batareýa bilen hem işleýär. Saz guralynda ösen programma üpjünçiligi bolup, telefona ýa-da noutbuga simsiz birikdirip bolýar.



Tehnologiýa babatda ösen döwre görä işlenip taýýarlanan saz guraly saz çalmaga höwes edýän çagalar we ýetginjekler üçin oňaýlydyr. Saz çalmaga ýaňy başlanlar bu saz guralynda deprek ritmlerini, käbir akkordlary ýerine ýetirip hem-de sazdaky heňlere goşulyp, saz çalmagy öwrenip bilerler. «Omnichord» elektron saz guralynda arfanyň, pianinonyň, depregiň, gitaranyň sesleri bar.

Labirint



Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!



11 tapawudy tapyň!



Gyzykly pursat



# «OPPENHAÝMER» OSKARA SARY BARÝAR

Kino sungatynyň abraýly sylaglaryndan hasaplanýan BAFTA baýraklarynyň 77-nji gowşurylyş dabarasy geçirildi. Londondaky «Royal Festival Hall» zalynda geçirilen dabarany Dewid



Tennant alyp bardy. Britan film we telewideniýe sungaty akademiýasy tarapyndan berilýän 77-nji BAFTA baýraklarynda iň gowy film diýlip, «Oppenhaýmer» kinosy saýlandy. Geçen ýylyň iň şowly çykan ekran eseri 13 ugur boýunça dalaşgär görkezilip, şolaryň 7-sinde heýkeljige laýyk görüldi. Iň gowy film baýragyndan başga-da kinony surata düşüren Kristofer Nolan iň gowy režissýor baýragyna mynasyp boldy. Filmde surata düşen artistler – Killian Mörfi iň gowy aktýor, Robert Dawni Junior ikinji plandaky iň gowy aktýor diýlip saýlandy. Robert Dawni Junior 31 ýyldan soň 2-nji gezek BAFTA baýragyna mynasyp boldy. Şeýle-de, «Oppenhaýmer» filmi iň gowy operator (Hoýte wan Hoýtema), iň gowy montaž (Jennifer Lame) baýraklary bilen bilelikde, ekran eserindäki ýaňlanýan sazlary düzen Ludwig Goransson iň gowy kompozitor baýragy bilen sylaglandy.





Dabaranyň ikinji iň köp baýrakly kinosy «Görgüli betbagtlar» filmi bolup, gresiýaly režissýor Ýorgos Lantimosyň surata düşüren kinosy 5 ugur boýunça baýrak gazandy. Filmde baş keşbi janlandyran Emma Stoun iň gowy aktrisa baýragyna mynasyp boldy. Filmiň gazanan galan 4 baýragy tehniki ugurlar boýunça bolup, ekran eseri iň gowy grim (Holli Waddington), iň gowy makiýaž we saç bezegi (Nadia Steýsi, Mark Kulier, Joş Weston), iň gowy çeperçilik bezegi (Şona Hit, Jeýms Praýs, Susa Mihalek) hem-de iň gowy wizual effektler (Saýmon Hýuz) baýraklaryna laýyk görüldi. Aýratynam wizual effektler ugry boýunça ýeňiji bolmagy köpler üçin garaşylmadyk waka hasaplanýar.



«Amerikan hekaýasy» filminiň döredijilik işgärleride dabaradan 2 baýrak bilen dolandy. Filmde surata düşen Da'Win Joý Rendolf ikinji plandaky iň gowy aktrisa baýragyny gazandy. Ekran eseriniň iň gowy adaptirlenen ssenariý baýragyny (Kord Jefferson) gazanmagy-da Oskar ugrundaky çaklamalaryň täzeden gözden geçirilmegine sebäp boldy. Sebäbi bu ugurda «Oppenhaýmer» hem-de «Görgüli betbagtlar» filmleri öňde hasaplanýardy. Film iň gowy kasting baýragyna hem laýyk görüldi.

Dabarada iň gowy asyl ssenariý baýragyna «Ýykylmagyň anatomiýasy» filminiň edebi esasyny ýazanlar — kinonyň režissýory Žýustin Trie bilen Artur Harari laýyk görüldi. Iňlis režissýory Jonatan Gleýzeriň «Gyzyklanma zolagy» filmi iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film baýragyna mynasyp boldy. Şeýle-de, iň gowy ses baýragyny hem gazanan kino iň gowy britan filmi diýlip saýlandy.

Haýao Miýazakiniň animesi «Oglan we guş» iň gowy animasiýa, şol sanda Mstislaw Çernow, Rani Aronson-Rat hem-de Mişel Mizner dagynyň bilelikde ekranlaşdyran «20 gün Mariupolda» ekran eseri iň gowy dokumental film baýragyny gazandy.

Ýaş aktrisa Mia MakKenna-Brýus BAFTA ösüp barýan ýyldyz baýragy bilen sylaglandy.

## 77-nji BAFTA baýragynyň ýeňijileri:

**Iň gowy film:** «Oppenhaýmer» (Oppenheimer); **Iň gowy režissýor:** Kristofer Nolan – «Oppenhaýmer» (Oppenheimer); **Iň gowy aktýor:** Killian Mörfi – «Oppenhaýmer» (Oppenheimer); **Iň gowy aktrisa:** Emma Stoun – «Görgüli betbagtlar» (Poor Things); **Ikinji plandaky iň gowy aktýor:** Robert Dawni Junior – «Oppenhaýmer» (Oppenheimer); **Ikinji plandaky iň gowy aktrisa:** Da'Win Joý Rendolf – «Amerikan hekaýasy» (American Fiction); **Iň gowy asyl ssenariý:** «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomie d'une chute) –Žýustin Trie, Artur Harari; **Iň gowy adaptirlenen ssenariý:** «Amerikan hekaýasy» (American Fiction) – Kord Jefferson; **Iň gowy animasiýa:** «Oglan we guş» (Kimitachi wa Do Ikiru ka) – Haýao Miýazaki, Toşio Suzuki; **Iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film:** «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest) – Jonatan Gleýzer; **Iň gowy dokumental film:** «20 gün Mariupolda» – M.Çernow, R. Aronson-Rat, M.Mizner **Iň gowy britan filmi:** «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest) – Jonatan Gleýzer; **Iň gowy kasting:** «Amerikan hekaýasy» (American Fiction) – Susan Şopmeýker; **Iň gowy operator:** «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Hoýte wan Hoýtema; **Iň gowy montaž:** «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Jennifer Lame; **Iň gowy saz:** «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Ludwig Goransson; **Iň gowy grim:** «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Holli Waddington; **Iň gowy makiýaž we saç bezegi:** «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – N. Steýsi, M. Kulier, J. Weston; **Iň gowy çeperçilik bezegi:** «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Ş. Hit, J. Praýs, S. Mihalek; **Iň gowy wizual effektler:** «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Saýmon Hýuz; **Iň gowy ses:** «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest) – Jonni Börn, Tarn Willers.

# Ýylyň iň gowy animasiýalary saýlandy

Animasiýalaryň arasynda geçirilýän «Annual Annie» baýraklarynda ýylyň tapawutlananlary mälim edildi. 51-nji gezek gowşurylan baýraklarda iň gowy animasiýa diýlip, «Möý adam: möý älemine geçiş» (Spider-Man: Across the Spider-Verse) multfilmi saýlandy. «Sony Pictures Animation»-yň önümi bolan ekran eseri ýylyň iň köp baýrakly multfilmi «Oglan we guş» (Kimitachi wa Do Ikiru ka) animesinden hem-de «Nimona» animasiýasyndan öňe saýlanmagy başardy. «Möý adam: möý älemine geçiş» animasiýasy dabarada umumylykda 7 baýrak gazanyp, iň gowy režissýor, iň gowy animasiýa effekti, iň gowy montaž topary, iň gowy saz, iň gowy çeperçilik bezegi hem-de iň gowy animasiýa gahrymanlary bezegi ugurlary boýunça ýeňiji diýlip yglan edildi.



Iň gowy garaşsyz (uly studiýalara degişli bolmadyk, az býujetli) animasiýa baýragyna-da «Robotyň arzuwy» (Robot Dreams) atly multfilm mynasyp boldy. Fransiýanyň hem-de Ispaniýanyň bilelikde önümi bolan bu multfilmde sözsüz animasiýa bolup, ony Pablo Berger surata düşürdi.

Iň gowy gysga göwrümli animasiýa diýlip, «Uruş tamamlandy» (War Is Over!) atly 11 minutlyk multfilm saýlandy. «Şadyýan Gi: Nawagraha» (Ghee Happy: «Navagraha) atly köp seriýaly animasiýa mekdebe çenli ýaşly çagalar üçin iň gowy teleýaýlym animasiýasy baýragyna laýyk görüldi.

Ýetginjekler üçin «Netflix»-iň önümi bolan «Gök gözli samuraý» (Blue Eye Samurai) atly köp seriýaly anime multfilmi-de teleýaýlym ugurlary boýunça jemi 6 baýrak gazandy. Dabarada başga-da animasiýa bilen baglanyşykly birnäçe baýraklar gowşuryldy.

# «The Beatles» barada film surata düşüriler

**Dünýä belli iňlis aýdym-saz topary «The Beatles» barada 4 film surata düşüriler. Has takygy, rok toparyň 4 agzasynyň – Pol MakKartniniň, Jon Lennonyň, Jorj Harrisonyň hem-de Ringo Starryň hersiniň ömri we döredijiligi barada aýratyn 4 kino ekranlaşdyrylar. Toparyň agzalarynyň maşgalalaryndan gerekli ähli rugsadyň alnandygy habar berildi. Filmleriň 4-sine hem «Amerikan gözeli», «Skaýfoll», «1917» ýaly filmleri surata düşüren britaniýaly Säm Mendes režissýorlyk eder. Her filmdäki wakalar toparyň agzalarynyň hersiniň aýratyn nukdaýnazaryndan görlüşi ýaly surata düşüriljekdigi bellenilýär.**





**«Sony» studiýasynyň önümi boljak filmleriň 4-siniň hem 2027-nji ýylda ekranlara çykmagyna garaşylýar. Oskarly režissýoryň surata düşürjek filmleri baradaky beýleki maglumatlar öňümizdäki aýlarda mälim ediler.**




## 9-njy SKANWORD

*Ýaňyl SAPARBAÝEWA, Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Ýeňiş kitaphana şahamçasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*

## 11-nji KROSSWORD



**DIKLIGINE: 1.** Rumyniýanyň ulag öndürýän zawody. **2.** Türkmen bagşysy. **3.** Konditer önümi. **4.** Baglaýjy kömekçi. **5.** Dermanlyk we bezeg güli. **6.** Hindistanda bir köl. **7.** Oglan ady. **10.** Ýewropa ýurtlarynda zenanlara sypaýy ýüzlenme. **11.** Ot, alaw. **14.** Gazagystanyň hokkeý topary. **16.** Topulmak häsiýeti bolan, dişlek (it hakynda). **17.** Tokaý guşy. **20.** Grek elipbiýiniň ikinji harpy. **22.** Bir ýa-da birnäçe solist, hor hem-de orkestr üçin wokal we gural eseri. **24.** Aýdym-saz adalgasy. **26.** Fransiýanyň paýtagty. **29.** Reňk. **30.** Bir zadyň aşagy, düýbi. **32.** On iki ýyla deň bolan wagt aralygy. **33.** Sada, ýönekeý. **34.** Uly çäge depesi. **36.** «Sähet: – Hany indi ... – diýdi we böwediň ýeňsesini galňatmaga başlady» (A. Gowşudow, «Mähri-Wepa» romany). **37.** Syýahatçylygyň bir görnüşi. **38.** Gaşlaryň arasynda maňlaýyna boýag ýa-da dürli melhemler bilen ýerleşdirilen kiçijik tegelek bezeg şaýy. **42.** Eýranda bir şäher. **43.** Ýurdumyzda bir etrap. **44.** «... ýokdur söhbedine, sazyna. Dünýe bahasyzdyr, aýan görüner» (Magtymguly Pyragy). **45.** ...-inu iň uly ýapon iti. **48.** Aryk, salma. **50.** Taýwan sarp ediji elektronika öndürijisi. **53.** Görkezme çalyşmasy.

**KESELIGINE: 1.** ...-dönüp, kadada durman hereket etmek. **5.** Bir zadyň ýüzüniň ters tarapy. **8.** Bloklar üçin standart bellik. **9.** Umumy algebranyň esasy düşünjelerinden biri. **12.** «Çopan adam çoka bolmaz, ala garga ... gelmez» (nakyl). **13.** «... boýun synmarys» (A.Gowşudow). **15.** Oglan ady. **18.** Himiki element. **19.** Zenan, gelin. **21.** Kitapdyr gazet-žurnallary okamak üçin ýöriteleşdirilen ýer. **23.** Köp duz atylan, aşa duzly. **25.** Müsüriň Günorta Sinaý welaýatynda ýerleşýän dynç alyş şäheri. **27.** Oglan ady. **28.** Bir düşünjä bolan ynam. **30.** Deňiz ýyrtyjysy. **31.** Salyhatly, häsiýetinde ýeňlesligi bolmadyk. **32.** Türkmen halk döredijiliginde manysyny pikirlenip tapmaly soragly tapmaça. **35.** Sabyr, kanagat. **39.** Geýim-gejimiň ýygyrdyny ýazmak üçin gural. **40.** San. **41.** Deňiz guşy. **44.** Beden agzasy. **46.** Ýaponiýanyň milli egin-eşigi. **47.** «Men bir garyp, ýat ülkede neýlerem, ..., gözde ýaşym döndi sillere» («Saýatly – Hemra»). **48.** «Badam gabak, alma ..., Bir zyba senem islärin» (Magtymguly Pyragy). **49.** Palasyň bir görnüşi. **51.** Mukdar we tertip aňladýan birlik. **52.** Gala, berkitme (köne söz). **54.** Iň uzyn derýa. **55.** Pul (köne söz). **56.** Gadymy grek mifologiýasyndaky gämi.

8-nji krosswordyň jogaby:



9-njy krosswordyň jogaby:



10-njy krosswordyň jogaby:



8-nji skanwordyň jogaby:



## Bir sözlemde



Iga Şwentek

- Möwsümiň 1-nji WTA 1000 ýaryşy bolan «Katar Açyk» zenanlar tennis ýaryşynda sanawyň başyny çekýän polşaly Iga Şwentek bassyr 3-nji çempionlygyny gazanyp, ol finalda gazagystanly Ýelena Rybakinany 7:6, 6:2 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi we karýerasyndaky 18-nji kubogyny asmana göterdi.
- Niderlandlarda erkekleriň arasynda geçirilen «Rotterdam Açyk» tennis bäsleşiginiň finalynda italiýaly Ýannik Sinner bilen awstraliýaly Aleks de Minaur duşuşyp, ýewropaly tennisçi 7:5, 6:4 hasaplar esasynda ýeňiş gazandy we 12-nji ATP Kubogyna mynasyp boldy.
- Tennis boýunça erkekleriň arasynda Argentinanyň paýtagtynda geçirilen «Buenos Aýres Açyk» ýaryşynyň finalynda çilili Nikolas Ýerrini 6:3 we 6:4 hasaplar bilen ýeňen ýerli tennisçi Fakundo Diaz Akosta karýerasyndaky ilkinji ATP Kubogyny gazandy.
- Niderlandlaryň Apeldoorn şäherinde geçirilen ýurduň ýapyk desga ýeňil atletika çempionatynda zenanlaryň arasynda 400 metr ylgawda Femke Bol 49,24 sekuntda pellehana gelip, özüne degişli (49:26) dünýä rekordyny täzeledi.
- Basketbol boýunça Ispaniýanyň Şa Kubogy ýaryşynyň finalynda «Barselonany» 96:85 hasabynda ýeňen «Real Madrid» 29-njy gezek kuboga mynasyp boldy («Barselonanyň» 27 kubogy bar).



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*23-nji fewral (anna)*
**Baýer – Maýns (00:30)**
**R. Sosiedad – Wilýarreal (01:00)**
**Mets – Lion (01:00)**
*24-nji fewral (şenbe)*
**M. Ýunaýted – Fulham (20:00)**
**Barselona – Hetafe (20:15)**
**Fenerbahçe – Kasympaşa (21:00)**
**Bornmut – Man. Siti (22:30)**
**Bawariýa – Leipsig (22:30)**
**Arsenal – Nýukasl (01:00)**
*25-nji fewral (ýekşenbe)*
**Ýuwentus – Frozinone (16:30)**
**Lans – Monako (17:00)**
**Kaliari – Napoli (19:00)**
**AZ Alkmaar – Aýaks (20:45)**
**PSŽ – Renn (21:05)**
**Çelsi – Liwerpul (20:00, final)**
**Borussiýa D – Hoffenhaým (21:30)**
**Leççe – Inter (22:00)**
**Milan – Atalanta (00:45)**
**Real Madrid – Sewilýa (01:00)**
*26-njy fewral (duşenbe)*
**Al-Ittifak – Al Hilal (19:00)**
**Galatasaraý – Antalýaspor (22:00)**
**Roma – Torino (22:30)**
**Fiorentina – Lasio (00:45)**
**Žirona – R. Wallekano (01:00)**

# AFK-da ÇÄRÝEK FINALÇYLAR BELLI BOLDY

**AFK Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň jogap duşuşyklary geçirilip, çärýek finala çykan toparlar belli boldy.**

Gündogar zolakda iki koreý klubunyň duşuşygynda «Çeonbuk Hýundai Motors» öz meýdançasynda «Phohan Stilersi» 2–0 hasabynda ýeňipdi. Bu ýeňiş çärýek finala çykmak üçin ýeterlik bolup, myhmançylykdaky duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Başga bir koreý topary «Ulsan Hýundai» topary myhmançylykda-da ýapon kluby «Wenfront Kofu» toparyny 2–1 hasabynda ýeňmegi başardy. 1-nji oýunda 3–0 ýeňen «Ulsan Hýundai» topary ýoluny dowam edýär.



«Wentront Kofu»–«Ulsan Hýundai»



«Çeonbuk H. Motors»–«P. Stilers»

Hytaýyň «Şandon Taişan» topary öz meýdançasynda Ýaponiýanyň «Kawasaki Frontal» toparyndan 3–2 hasabynda asgyn gelipdi. Ýöne myhmançylykda erjel oýun görkezen hytaýlylar 4–2 hasabynda ýeňiş gazanyp, çärýek finala çykdy. Ýer eýelerinden Miura (30) bilen Erisonyň (59) gollaryna hytaýlylar Kryzanyň (8, 73), Gao Žunýiniň (25) hem-de Žadsonyň (90+7) gollary esasynda jogap berdi.

Mundan 1 hepde ozal Bangkokda oýnalan «Bangkok Ýunaýted» – «Ýokohama F. Marinos» duşuşygy 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanypdy. Jogap duşuşygynda esasy wagtda hasap açylmady. Goşmaça wagtyň iň soňky minutynda (120) bellenen 11 metrlik jerime urgusyny dürs uran Anderson Lopes ýapon klubuna ýeňiş getirdi.



Kristiano Ronaldo

Günbatar zolakda-da 1-nji oýunda Ronaldonyň ýeke-täk goly bilen ýeňen «Al Nassr» öz meýdançasynda-da «Al Faýha» toparyndan üstün çykdy. Bu gezek 2–0 hasabynda ýeňiş gazanan riýadlylaryň gollaryny portugaliýalylar — Otawio (17) bilen Ronaldo (86) geçirdi.

Özbegistandaky 1-nji duşuşygy golsuz tamamlanan «Nasaf» – «Al-Ain» toparlarynyň jogap oýnunda arap kluby soňky minutlarda ýeňşini baýram etdi. 51-nji minutda Mozgowoý özbekleri öňe saýlasada, ýer eýeleri dessine 55-nji minutda Labanyň goly bilen hasaby deňlediler. Duşuşygyň 90+2-nji minutynda bolsa Rahimi «Al-Ain» toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy.

Şeýle-de, «Al Hilal» myhmançylykda «Sepahany» 3–1 hasabynda ýeňipdi. Şonuň ýaly «Al-Ittihad» topary-da myhmançylykda «Nawbahor» bilen golsuz deňme-deň oýnapdy.

### Çärýek finalda ýene 2 koreý kluby duşuşar

Ýarym finalda ýene-de 2 koreý kluby – dünýä belli «Hýundai» kompaniýasynyň dürli bölümleriniň eýeçiligindäki 2 topar «Çeonbuk Hýundai Motors» bilen «Ulsan Hýundai» toparlary duşuşarlar. 1/8 finalda «Kawasaki Frontal» toparyny ýeňen Hytaýyň «Şandon Taişan» kluby çärýek finalda başga bir ýapon topary «Ýokohama F. Marinos» bilen özara güýç synanyşar.

«Al Nassryň» bijesine-de «Al-Ain» topary çykyp, 1-nji duşuşyk BAE-de oýnalar. Beýleki çärýek finalda-da Saud Arabystanynyň 2 klubunyň duşuşmagyna garaşylýar.

Çärýek finalyň 1-nji oýunlary 4–5–6-njy martda, jogap duşuşyklary-da 11–12–13-nji martda geçiriler.

# Ýyldyzlaryň şüweleňinde täze rekordlar hasaba alyndy

**Amerikan Milli basketbol ligasy NBA-da ýyldyzlaryň şüweleňi «All Star»-da taryhy rekord hasaba alyndy. Indianapolis şäherindäki «Gainbridge Fieldhouse» stadionynda geçirilen 73-nji «NBA All Star» duşuşygynda Gündogar Konferensiýanyň ýyldyzlary Günbatar Konferensiýanyň ýyldyzlaryny 211:186 hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. Ýeňiş gazanan Gündogar Konferensiýanyň düzüminde Damian Lillard 39, Jeýlen Brawn 36, Taýris Haliberton 32 utuk geçirdi. Günbatar Konferensiýanyň düzüminde-de Karl-Antoni Tawnsyň 50, Şeý Giljes-Aleksanderiň 31 utugy ýeňşe ýetmedi. Karl-Antoni Tawns «All Star»-da 50 utuk geçiren 4-nji basketbolçy boldy.**

**«All Star» duşuşyk 2017-nji ýyldan soň ilkinji gezek öňki usulda — Gündogar we Günbatar Konferensiýalar formatynda geçirildi. 2018-nji ýyldan 2023-nji ýyla çenli «All Star» duşuşyklary Günbatar Konferensiýasy Jeýmsiň topary, Gündogar Konferensiýasy bolsa, Körriniň, Durantyň we Ýannisiň toparlary ady bilen geçirilipdi.**

**Duşuşygyň iň ökde oýunçysy diýlip (MVP), Damian Lillard saýlandy. Ol Kobe Braýntyň adyny göterýän baýraga mynasyp boldy.**

**Duşuşyk bir toparyň iň köp utuk (211), şeýle-de, bilelikde iň köp (397) geçirilen «All Star» duşuşygy hökmünde hasaba alyndy. Şeýle-de 67 sany 3 utuklyk geçirilip, bu görkeziji hem rekorda deň boldy. 1-nji ýarymda geçirilen 193 utuk hem rekord bolup, geçen ýylky «All Star»-da toparlar 191 utuk geçiripdi.**

**Duşuşykda Dok Riwersiň tälimçiligindäki Günbatar Konferensiýasy Taýris Haliberton, Damian Lillard, Ýannis Adetokunbo (Antetokunmpo), Jeýson Tatum hem-de Bam Adebaýo, Gündogar Konferensiýasy bolsa tälimçi Kris Finçiň ýolbaşçylygynda LeBron Jeýms, Şeý Giljes-Aleksander, Kewin Durant, Nikola Ýokiç hem-de Luka Donçiç esasy düzümde çykyş etdiler. LeBron Jeýms 20-nji gezek «All Star»-a saýlanyp, bu ugurda Karim Abdul Jabbaryň rekordyny täzeledi. 39 ýaşyndaky super ýyldyz 14 minut çykyş eden duşuşygyny 8 utuk bilen tamamlady.**





**74-nji «NBA All Star» geljek ýyl Kaliforniýanyň San Fransisko şäherinde geçiriler.**

# DÜNÝÄ KUBOGYNYŇ FINALYNDA GOL GEÇIRIPDI

Germaniýanyň milli ýygyndysynyň ozalky ýyldyzlaryndan Andreas Breme 63 ýaşynda aradan çykdy. Ýüregagyrysy sebäpli hassahana alnyp gidilen Bremeni halas etmek başartmady. Bu barada «Bild» gazeti habar berýär. Habarda Bremeniň ozalky tälimçisi Frans Bekkenbaueriň aradan çykmagynyň täsirinden doly saplanyp bilmändigi hem bellenilýär.



1960-njy ýylyň 9-njy noýabrynda Germaniýanyň Hamburg şäherinde dünýä inen Andreas Breme 1978-nji ýylda şäheriň «Barmbek-Ulenhorst» klubunda futbola başlap, bu ýerde 2 ýyl oýnaýar. Soňra 1 möwsüm «Saarbruken» toparynda çykyş eden Breme 1981–1986-njy ýyllar aralygynda «Kaizerslauterniň» köýnekçesini geýýär. 2 möwsüm «Bawariýada», 4 möwsüm «Interde», 1 möwsüm «Saragosada» çykyş edip, 1993-nji ýylda täzeden «Kaizerslautern» toparyna dolanýar. Bu klubda ýene-de 5 ýyl çykyş edip, 1998-nji ýylda karýerasyny tamamlaýar. Ol klublarda 623 oýunda 80 gol geçirýär. Çep gyraky goragçy, ýarymgoragçy bolup oýnan Andreas Breme Germaniýanyň milli ýygyndysynda 86 gezek çykyş edýär. Ol şol oýunlarda 4-si Dünýä Kubogynda jemi 8 gezek tapawutlanýar. Onuň iň ýatda galan esasy goly-da 1990-njy ýyldaky Dünýä Kubogynyň finalynda Argentinanyň derwezesinden 85-nji minutda sag aýagy bilen geçiren penalti goly bolýar. Şol gol bilen Germaniýanyň ýygyndysy 3-nji çempionlygyny gazanýar.



Breme bilen Klinsmann (1990)

Dünýä Kubogynyň çempionlygyny gazanan öz döwrüniň iň ökde çep gyraky oýunçysy hasaplanýan Bremeniň «Bundesligada» 2, «Serie A»-da 1 çempionlygy bar. Şol sanda «Interde» UEFA Kubogyny, Italiýanyň Super Kubogyny, «Bawariýada» Germaniýanyň Super Kubogyny, «Kaizerslauternde» Germaniýanyň Kubogyny gazanýar. Onuň «Kaizerslautern» bilen «Bundesliga 2»-niň çempionlygy hem bar.

# Pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklary

**UEFA Ýewropa Ligasynda-da Konferensiýa Ligasynda-da pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Mälim bolşy ýaly, bu tapgyrda ýeňiş gazanan klublar 1/8 finala çykýar.**

«Milan» öz meýdançasynda «Renn» toparyndan Loftus-Çigiň (2) hem-de Rafael Leaonyň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. Tapgyryň iň geň galdyran netijesi Portugaliýada hasaba alnyp, Azerbaýjanyň «Garabag» topary myhmançylykda «Bragany» Ýankowiçiň (21 p), Zubiriň (54, 69) hem-de Juninionyň (65) gollary esasynda 4–2 hasabynda utdy. Portugaliýanyň başga bir kluby «Sporting» bolsa myhmançylykda «Ýang Boýzy» 3–1 hasabynda ýeňip, 1/8 finala çykmak ugrunda uly mümkinçilik gazandy.



«Braga»–«Garabag»

Konferensiýa Ligasynda-da «Şturm Gras» öz meýdançasynda Bratislawanyň «Slowan» toparyny 4–1 hasabynda ýeňdi. Öz meýdançasynda «Bude-Glimt» bilen duşuşan «Aýaks» myhmanlaryň 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, 90-njy minutdan soň 2 gol geçirip, ýeňlişden halas boldy. «Aýntraht» myhmançylykda «Ýunion Sent-Žilluaz» topary bilen duşuşyp, 2–0 öňe geçse-de, olara üstünligini saklamak başartmady.

**Ýewropa Ligasynyň pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklarynyň netijeleri: «Feýenoord»—«Roma»: 1–1** (Paişao 45+1 — Lukaku 67), **«Milan»—«Renn»: 3–0** (Loftus-Çik 32, 47, Leao 53), **«Lans»—«Fraýburg»: 0–0, «Ýang Boýz»—«Sporting»: 1–3** (Ugriniç 42 — Amenda 31 ö.d., Gýokeres 41 p, Inasio 48), **«Benfika»—«Tuluza»: 2–1** (Di Mariýa 68 p, 90+8 p — Desler 75), **«Braga»—«Garabag»: 2–4** (Banza 44, Moutinio 90+1 p — Ýankowiç 21 p, Zubir 54, 69, Juninio 65), **«Galatasaraý»—«Sparta Praga»: 3–2** (Demirbaý 19, Mertens 61, Ikardi 90+1 — Presiado 47, Kuhta 65), **«Şahtýor D»—«Marsel»: 2–2** (Matwiýenko 68, Eginaldo 90+3 — Obameýang 64, Ndiaýe 90).

**Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklarynyň netijeleri: «Şturm Gras»—«Slowan Bratislawa»: 4–1** (Bieret 4, Stankowiç 27, Kitieşwili 64 p, Kamara 90+1 — Rodriges 8), **«Serwett»—«Ludogores»: 0–0, «Ýunion Sent-Žilluaz»—«Aýntraht»: 2–2** (Rasmussen 31, Nilsson 68 — Çaibi 3, Kalaýdžiç 10), **«Betis»—«Dinamo Zagreb»: 0–1** (Petkowiç 76 p), **«Olimpiakos»—«Ferenswaroş»: 1–0** (El-Kaabi 83), **«Aýaks»—«Bude-Glimt»: 2–2** (Wan den Boomen 90+1 p, Berghuis 90+7 — Gronbaek 16, 64), **«Molde»—«Legia»: 3–2** (Gulbrandsen 12, 19, Kaasa 24 — Žozue 64, Augustniýak 71), **«Makkabi H»—«Gent»: 1–0** (Pierrot 65).

# «INTER» ARANY AÇÝAR

Italiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Inter» öz meýdançasynda «Salernitananyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. Gollary Turam, Martines, Dumfris hem-de Arnautowiç geçirdi. «Inter» toparyndaky 125-nji goluny geçiren Lautaro Martines 124 golly watandaşy Mauro Ikardiden öňe geçip, klubuň iň netijeli argentinaly oýunçysy rekordynyň täze eýesi boldy. «Werona» bilen duşuşan «Ýuwentus» topary 2–2 hasabynda deňme-deň oýnap, bassyr 4-nji duşuşygyny ýeňişsiz tamamlady. «Atalantanyň» «Sassuolony» 3–0 ýeňen tapgyrynda «Roma» hem şol hasap bilen myhmançylykda «Frozinoneden» üstün çykdy. «Lasiony» myhmançylykda 2–1 hasabynda ýeňen «Bolonýa» 4-nji basgançakdaky ornuny saklamagy başardy.



M. Turam bilen L. Martines

# «Milan» 2-nji orna geçmekden ýüz öwürdi

Myhmançylykda «Monza» bilen duşuşan «Milan» garşydaşyndan ilkinji gezek utuldy. 4–2 hasabynda asgyn gelen «Milan» topary 2-nji ýarymy 1 oýunçy kem oýnady. 1-nji ýarymyň ahyrynda eminiň bellän penaltisini dürs uran Pessina ýer eýelerini öňe çykardy. Bu goldan 6 minut soň, has takygy, 45+6-njy minutda Motanyň owadan golundan soň hasap 2–0-a ýetdi. 2-nji ýarymyň başynda-da «Milanyň» hüjümçisi Luka Ýowiç gyzyl kart alyp, toparyny çykgynsyz ýagdaýda goýdy. Ýöne muňa garamazdan, 2-nji ýaryma Žiru, Pulişiç, Leao dagy bilen başlan «Milan» hasaby deňlemegi başardy. 65-nji minutda Žiru, 88-nji minutda-da Pulişiçiň takyk urgulary bilen «Milan» 1 utuga golaýlady. Ýöne edil 1-nji ýarymyň ahyrynda bolşy ýaly, 2-nji ýarymyň hem soňky minutlarynda «Milan» deňligi saklap bilmedi. 90-njy minutda Bonbonyň goly bilen öňe geçen «Monzanyň» «Milandan» kärendesine alan hüjümçisi Kolombo 90+5-nji minutda oýna soňky nokady goýdy. Şunlukda, «Milan» «Ýuwentusyň» utuk ýitiren tapgyrynda 2-nji orna geçmek mümkinçiliginden ýerlikli peýdalanyp bilmedi. «Milan» çempionatda 10 oýundan soň ýeňlişe sezewar boldy.



«Monza»–«Milan»

### PREMIER LEAGUE (25) — 32 gol

**Brentford—Liwerpul: 1–4** (Nunýes 35, MakAllister 55, Salah 68, Gakpo 86 —Touni 75), **Börnli—Arsenal: 0–5** (Edegor 4, Saka 41 p, 47, Trossar 66, Hawerts 78), **N. Forest—West Ham: 2–0** (Awonýi 45+5, Hadson-Odoi 90+5), **Nýukasl—Bornmut: 2–2** (Gordon 57, Riçi 90+2 — Solanke 51, Semenio 69), **Tottenham—Wulwerhempton: 1–2** (Kuluşewski 46 — Žoao Gomes 42, 63), **Fulham—A. Willa: 1–2** (Muniz 64 — Wotkins 23, 56), **Man. Siti—Çelsi: 1–1** (Rodri 83 — Sterling 42), **Şeffild Ýun.—Braýton: 0–5** (Buonanotte 20, Welbek 24, Robinson 75 ö.d., Adingra 78, 85), **Luton—Man. Ýunaýted: 1–2** (Morris 14 — Heýlunn 1, 7)

### LA LIGA (24) — 24 gol

**Wilýarreal—Hetafe: 1–1** (Moreno 56 — Maksimowiç 24), **Atletiko—Las Palmas: 5–0** (Llorente 15, 20, Korrea 47, 62 p, Depaý 87), **Osasuna—Kadiz: 2–0** (Budimir 63, 90+1), **Selta—Barselona: 1–2** (Ýago Aspas 47 — Lewandowski 45, 90+7 p), **Walensiýa—Sewilýa: 0–0, R. Wallekano—Real Madrid: 1–1** (De Tomas 27 p — Hoselu 3), **Granada—Almeriýa: 1–1** (Uzuni 75 — Pubil 9), **Malýorka—R. Sosiedad: 1–2** (Sançes 4 — Kubo 38, Merino 90+3), **Betis—Alawes: 0–0, Atletik—Žirona: 3–2** (Berenger 2, 56, Iniaki Williams 60 — Sygankow 49, Erik Garsiýa 75)

### SERIE A (25) — 31 gol

**Torino—Leççe: 2–0** (Bellanowa 50, Zapata 81), **Inter—Salernitana: 4–0** (Turam 17, Martines 20, Dumfris 40, Arnautowiç 90), **Napoli—Jenoa: 1–1** (Ngong 90 — Frendrup 47), **Werona—Ýuwentus: 2–2** (Folorunşo 11, Noslin 52 – Wlahowiç 28 p, Rabio 55), **Atalanta—Sassuolo: 3–0** (Paşaliç 22, Koopmaýners 58, Bakker 75), **Lasio—Bolonýa: 1–2** (Isaksen 18 — El-Azzuzi39, Zirkzee 78), **Empoli—Fiorentina: 1–1** (Niang 56 p — Beltran 29), **Udineze—Kaliari: 1–1** (Zemura 14 — Gaetano 44), **Frozinone—Roma: 0–3** (Hýoýsen 38, Azmun 71, Parades 81 p), **Monza—Milan: 4–2** (Pessina 45 p, Mota 45+6, Bondo 90, Kolombo 90+5 – Žiru 65, Pulişiç 88)

### BUNDESLIGA (22) — 24 gol

**Köln—Werder: 0–1** (Nžinma 70), **Wolfsburg—Borussiýa D: 1–1** (Gerhardt 63 — Füllkrug 8), **Darmştadt—Ştutgart: 1–2** (Zeýdel 90+5 — Girassi 14, Dahud 90+2), **Maýns—Augsburg: 1–0** (Wan den Berg 44), **Haýdenhaým—Baýer: 1–2** (Klýaýndinst 87 — Frimpong 45+2, Adli 81), **Hoffenhaým—Union Berlin: 0–1** (Eronson 84), **Leipsig—Borussiýa M: 2–0** (Simons 14, Openda 58), **Fraýburg—Aýntraht: 3–3** (Doan 30, Grifo 45+5 p, Gregoriç 90 — Marmuş 27, Knauff 35, 72), **Bohum – Bawariýa: 3–2** (Asano 38, Şlotterbek 44, Şteger 78 p — Musiala 14, Keýn 87)

### LIGUE 1 (22) — 23 gol

**Lion—Nissa: 1–0** (Mangala 22), **Lill—Le Hawr: 3–0** (Dewid 14, 44, 49), **Nant—PSŽ: 0–2** (Hernandes 60, Mbappe 78 p), **Strasbur—Loriýan: 1–3** (Žilber 51 — Bamba 2, 45+2, Ponso 49), **Monako—Tuluza: 1–2** (Akliuş 48 — Sierro 41, Koşta 70), **Monpelie—Mets: 3–0** (Silla 3, Sanýan 50, Sawanie 85 p), **Renn— Klermon: 3–1** (Omari 31, Terrie 58, 64 — Matsima 62), **Reýms—Lans: 1–1** (Diakite 41 — Said 45+1), **Brest—Marsel: 1–0** (Lis-Melu 89)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 25 | 17 | 6 | 2 | 59-24 | 57 |
| 2 | MAN. SITI | 25 | 17 | 5 | 3 | 58-26 | 56 |
| 3 | ARSENAL | 25 | 17 | 4 | 4 | 58-22 | 55 |
| 4 | TOTTENHAM | 25 | 15 | 4 | 6 | 52-33 | 49 |
| 5 | ASTON WILLA | 25 | 14 | 5 | 6 | 52-38 | 47 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 25 | 14 | 2 | 9 | 35-34 | 44 |
| 7 | BRAÝTON | 25 | 10 | 8 | 7 | 48-40 | 38 |
| 8 | NÝUKASL | 25 | 11 | 4 | 10 | 53-41 | 37 |
| 9 | WEST HAM | 25 | 10 | 6 | 9 | 36-44 | 36 |
| 10 | ÇELSI | 25 | 10 | 5 | 10 | 42-41 | 35 |
| 11 | W. HEMPTON | 25 | 10 | 5 | 10 | 39-40 | 35 |
| 12 | FULHAM | 25 | 8 | 5 | 12 | 34-41 | 29 |
| 13 | BORNMUT | 24 | 7 | 7 | 10 | 33-46 | 28 |
| 14 | BRENTFORD | 25 | 7 | 4 | 14 | 35-44 | 25 |
| 15 | K. PALAS | 25 | 6 | 7 | 12 | 28-44 | 25 |
| 16 | N. FOREST | 25 | 6 | 6 | 13 | 32-44 | 24 |
| 17 | EWERTON | 25 | 8 | 6 | 11 | 27-33 | 20 |
| 18 | LUTON TAWN | 24 | 5 | 5 | 14 | 34-47 | 20 |
| 19 | BÖRNLI | 25 | 3 | 4 | 18 | 25-55 | 13 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 25 | 3 | 4 | 18 | 22-65 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 16 |
| 2 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 14 |
| 3 | Dominik SOLANKE (Bornmut) | 14 |
| 4 | Hyn Min SON (Tottenham) | 12 |
| 5 | Jarred BOWEN (West Ham) | 11 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 25 | 19 | 5 | 1 | 53-16 | 62 |
| 2 | ŽIRONA | 25 | 17 | 5 | 3 | 54-32 | 56 |
| 3 | BARSELONA | 25 | 16 | 6 | 3 | 52-34 | 54 |
| 4 | ATLETIKO M | 25 | 16 | 3 | 6 | 50-26 | 51 |
| 5 | ATLETIK B | 25 | 14 | 7 | 4 | 45-23 | 49 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 25 | 10 | 10 | 5 | 34-23 | 40 |
| 7 | BETIS | 25 | 9 | 12 | 4 | 28-25 | 39 |
| 8 | WALENSIÝA | 25 | 10 | 6 | 9 | 29-29 | 36 |
| 9 | LAS PALMAS | 25 | 10 | 5 | 10 | 25-25 | 35 |
| 10 | HETAFE | 25 | 8 | 10 | 7 | 33-34 | 34 |
| 11 | OSASUNA | 25 | 9 | 5 | 11 | 29-36 | 32 |
| 12 | ALAWES | 25 | 7 | 7 | 11 | 24-31 | 28 |
| 13 | WILÝARREAL | 25 | 6 | 8 | 11 | 35-47 | 26 |
| 14 | R. WALLEKANO | 25 | 5 | 10 | 10 | 22-33 | 25 |
| 15 | SEWILÝA | 25 | 5 | 9 | 11 | 30-37 | 24 |
| 16 | MALÝORKA | 25 | 4 | 11 | 10 | 22-33 | 23 |
| 17 | SELTA | 25 | 4 | 8 | 13 | 27-37 | 20 |
| 18 | KADIZ | 25 | 2 | 11 | 12 | 15-35 | 17 |
| 19 | GRANADA | 25 | 2 | 8 | 15 | 27-49 | 14 |
| 20 | ALMERIÝA | 25 | 0 | 8 | 17 | 23-52 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 16 |
| 2 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 15 |
| 3 | Artem DOWBYK (Žirona) | 14 |
| 4 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 13 |
| 5 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 13 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 24 | 20 | 3 | 1 | 59-12 | 63 |
| 2 | ÝUWENTUS | 25 | 16 | 6 | 3 | 38-17 | 54 |
| 3 | MILAN | 25 | 16 | 4 | 5 | 49-31 | 52 |
| 4 | BOLONÝA | 25 | 12 | 9 | 4 | 37-23 | 45 |
| 5 | ATALANTA | 24 | 14 | 3 | 7 | 47-23 | 45 |
| 6 | ROMA | 25 | 12 | 5 | 8 | 45-30 | 41 |
| 7 | FIORENTINA | 25 | 11 | 5 | 9 | 37-29 | 38 |
| 8 | LASIO | 24 | 11 | 4 | 9 | 29-26 | 37 |
| 9 | TORINO | 24 | 9 | 9 | 6 | 23-20 | 36 |
| 10 | NAPOLI | 24 | 10 | 6 | 8 | 33-28 | 36 |
| 11 | MONZA | 25 | 8 | 9 | 8 | 25-30 | 33 |
| 12 | JENOA | 25 | 7 | 9 | 9 | 26-31 | 30 |
| 13 | LEÇÇE | 25 | 5 | 9 | 11 | 24-39 | 24 |
| 14 | UDINEZE | 25 | 3 | 14 | 8 | 25-38 | 23 |
| 15 | FROZINONE | 25 | 6 | 5 | 14 | 32-52 | 23 |
| 16 | EMPOLI | 25 | 5 | 7 | 13 | 19-38 | 22 |
| 17 | SASSUOLO | 24 | 5 | 5 | 14 | 29-45 | 20 |
| 18 | WERONA | 25 | 4 | 8 | 13 | 23-34 | 20 |
| 19 | KALIARI | 25 | 4 | 7 | 14 | 23-46 | 19 |
| 20 | SALERNITANA | 25 | 2 | 7 | 16 | 20-51 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 20 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 13 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 12 |
| 4 | Matias SULE (Frozinone) | 10 |
| 5 | Markus TURAM (Inter) | 10 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 22 | 18 | 4 | 0 | 57-15 | 58 |
| 2 | BAWARIÝA | 22 | 16 | 2 | 4 | 61-25 | 50 |
| 3 | ŞTUTGART | 22 | 15 | 1 | 6 | 51-28 | 46 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 22 | 11 | 8 | 3 | 44-27 | 41 |
| 5 | LEIPSIG | 22 | 12 | 4 | 6 | 48-28 | 40 |
| 6 | AÝNTRAHT | 22 | 8 | 9 | 5 | 34-28 | 33 |
| 7 | WERDER | 22 | 8 | 5 | 9 | 31-34 | 29 |
| 8 | FRAÝBURG | 22 | 8 | 5 | 9 | 29-40 | 29 |
| 9 | HOFFENHAÝM | 22 | 7 | 6 | 9 | 38-41 | 27 |
| 10 | HAÝDENHAÝM | 22 | 7 | 6 | 9 | 31-38 | 27 |
| 11 | BOHUM | 22 | 5 | 10 | 7 | 26-41 | 25 |
| 12 | WOLFSBURG | 22 | 6 | 6 | 10 | 26-34 | 24 |
| 13 | UNION BERLIN | 22 | 7 | 3 | 12 | 21-35 | 24 |
| 14 | AUGSBURG | 22 | 5 | 8 | 9 | 31-40 | 23 |
| 15 | BORUSSIÝA M | 22 | 5 | 7 | 10 | 36-43 | 22 |
| 16 | KÖLN | 22 | 3 | 7 | 12 | 15-36 | 16 |
| 17 | MAÝNS | 22 | 2 | 9 | 11 | 17-35 | 15 |
| 18 | DARMŞTADT | 22 | 2 | 6 | 14 | 23-51 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 25 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 18 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 16 |
| 4 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 14 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Augsburg) | 12 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 22 | 16 | 5 | 1 | 53-18 | 53 |
| 2 | BREST | 22 | 11 | 7 | 4 | 31-18 | 40 |
| 3 | NISSA | 22 | 11 | 6 | 5 | 22-15 | 39 |
| 4 | LILL | 22 | 10 | 8 | 4 | 32-17 | 38 |
| 5 | MONAKO | 22 | 11 | 5 | 6 | 41-32 | 38 |
| 6 | LANS | 22 | 10 | 6 | 6 | 28-21 | 36 |
| 7 | RENN | 22 | 9 | 7 | 6 | 34-26 | 34 |
| 8 | REÝMS | 22 | 9 | 4 | 9 | 28-30 | 31 |
| 9 | MARSEL | 22 | 7 | 9 | 6 | 29-24 | 30 |
| 10 | STRASBUR | 22 | 6 | 7 | 9 | 23-32 | 25 |
| 11 | LION | 22 | 7 | 4 | 11 | 23-34 | 25 |
| 12 | LE HAWR | 22 | 5 | 9 | 8 | 23-28 | 24 |
| 13 | TULUZA | 22 | 5 | 8 | 9 | 22-30 | 23 |
| 14 | MONPELIE | 22 | 5 | 8 | 9 | 24-27 | 22 |
| 15 | LORIÝAN | 22 | 5 | 7 | 10 | 31-43 | 22 |
| 16 | NANT | 22 | 6 | 4 | 12 | 22-34 | 22 |
| 17 | METS | 22 | 4 | 5 | 13 | 18-35 | 17 |
| 18 | KLERMON | 22 | 3 | 7 | 12 | 16-36 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 20 |
| 2 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 11 |
| 3 | Aleksander LAKAZETT (Lion) | 11 |
| 4 | Jonatan DEWID (Lill) | 11 |
| 5 | Pier-Emerik OBAMEÝANG (Marsel) | 7 |

# Ähli toparyň derwezesinden gol geçirdi

**Angliýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Liwerpul» myhmançylykda «Brentfordy» Nunýes, MakAllister, Salah hem-de Gakponyň gollary bilen 4–1 hasabynda ýeňdi. «Arsenal» myhmançylykda «Börnli» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Duşuşykda gollaryň 2-sini Bukaýo Saka öz adyna ýazdyrdy. Tapgyryň merkezi oýnunda «Mançester Siti» bilen «Çelsi» duşuşyp, duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. «Çelsi» topary 42-nji minutda «Sitiniň» ozalky ýyldyzy Sterlingiň goly bilen öňe geçdi. Oýnuň tamamlanmagyna 7 minut galanda-da, Rodriniň goly şäherlileri ýeňlişden halas etdi. 18-nji tapgyryň galdyrylan oýnunda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Brentfordy» Holannyň ýeke-täk goly bilen utdy. Holann APL-de duşuşan klublarynyň ählisiniň, ýagny 21-siniň hem derwezesinden gol geçirmegi başardy. «Mançester Ýunaýted» myhmançylykda Heýlunnyň 1-nji we 7-nji minutlardaky gollary bilen «Luton Tawny» 2–1 hasabynda utdy. Heýlunn APL-de yzly-yzyna 6 oýunda tapawutlanan iň ýaş futbolçy boldy.



Erling Holann

**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Real Madrid» myhmançylykda şäheriň başga bir topary «Raýo Wallekano» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. 1-nji aýlawdaky oýun hem deňlikde tamamlanypdy. Myhmançylykda «Atletik» bilen duşuşan «Žirona» 3–2 hasabynda utulyp, şu möwsümde ilkinji sapar bassyr 2-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. «Barselona» myhmançylykda «Seltany» Lewandowskiniň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. Madridiň «Atletikosy» öz meýdançasynda «Las Palmasy» Llorenteniň hem-de Korreanyň 2 gol geçiren oýnunda 5–0 hasabynda ýeňdi.

**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ myhmançylykda «Nanty» Hernandesiň hem-de penaltiden Mbappeniň geçiren gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. «Marseli» Lis-Meluyň 89-njy minutda geçiren ýeke-täk goly bilen ýeňen «Brest» topary 2-nji orna beýgeldi. Şol hasap bilen «Liondan» asgyn gelen «Nissa» 3-nji orna düşdi. Jonatan Dewidiň 14-nji, 44-nji we 49-njy minutlarda tapawutlanyp, het-trik eden oýnunda «Lill» öz meýdançasynda «Le Hawr» toparyny 3–0 hasabynda ýeňdi. Dewid 47-nji minutda penaltini dürs urup bilmedi.

### «BAÝER» «BAWARIÝANYŇ» REKORDYNY GAÝTALADY

**Germaniýanyň çempionatynda** «Baýer» myhmançylykda «Haýdenhaýmy» Frimpongyň hem-de Adliniň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňip, ýeňlişsizligini dowam etdirdi. «Baýer» topary ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, 32 oýundan bäri ýeňilmän gelýär we bu ugurda «Bawariýanyň» rekordyny täzeledi.



«Haýdenhaým»–«Baýer»

«Bawariýa» topary myhmançylykda «Bohumdan» 3–2 hasabynda asgyn geldi. Münhenliler 2015-nji ýyldan soň ilkinji gezek yzly-yzyna 3 oýunda utuldy. «Ştutgartyň» myhmançylykda «Darmştadty» 2–1, «Leipsigiň» «Borussiýa M» toparyny 2–0 ýeňen tapgyrynda «Borussiýa Dortmund» myhmançylykda «Werder» bilen deňme-deň oýnady (1–1).



Harri Keýn

# TÄLIMÇILER, TÄLIMÇILER, TÄLIMÇILER...

***Futbolda klublaryň, ýygyndy toparlaryň iň köp üýtgeýän zady olaryň tälimçileridir. Soňky 1 hepde 10 günüň dowamynda birnäçe klub, şol sanda ýygyndylar tälimçilerini çalyşdylar.***

### 64 ÝYLLYK ARZUW SOŇA GALDY

● Ilki bilen milli ýygyndylara ser salsak, golaýda Kataryň çempionlygy bilen tamamlanan 18-nji Aziýa Kubogyndan soň 2 ýygyndy tälimçileri bilen ýoluny aýyrdy. 64 ýyldan bäri çempion-



lyk gazanyp bilmän gelýän yklymyň iň öňdebaryjy ýygyndysy Günorta Koreýanyň milli topary şol arzuwyna bu gezek hem ýetip bilmedi. Netijede, ýurduň futbol federasiýasy-da milli ýygyndynyň tälimçisi, germaniýaly hünärmen Ýurgen Klinsmanna gysga wagtda bitiren hyzmatlary üçin sagbolsun aýdyp, ony wezipesinden boşatdy. Geçen ýylyň fewral aýynda bu wezipä bellenen Klinsmannyň tälimçiliginde koreýler 18 oýunda 8 ýeňiş gazanyp, 7 duşuşykda deňme-deň oýnady, 3 oýunda-da utuldy. Koreýanyň ýygyndysy 59 ýaşly hünärmeniň ýolbaşçylygynda yzly-yzyna 13 oýunda ýeňilmändi. Olary 13 oýundan soň ýeňen Iordaniýa bolupdy.

### ÇÄRÝEK FINALA ÇYKSA-DA...

● Aziýa Kubogyna ilkinji gezek gatnaşandygyna garamazdan, çärýek finala çykmagy başaran Täjigistanyň ýygyndysy hem horwatiýaly tälimçisi Petar Şegrt bilen şertnamanyň möhletini uzaltmady. 57 ýaşyndaky hünärmen 2022-nji ýylyň ýanwarynda wezipä bellenip, täjikler şol döwürde 24 oýun geçirdi. 11 oýunda ýeňiş gazanyp, 6



duşuşykda-da ýeňlişe sezewar bolan Täjigistanyň ýygyndysy 7 gezek hem deňme-deň oýnady.

### AFRIKADA-DA KÄBIR TÄLIMÇILER

● Şeýle-de, 34-nji Afrika Milletler Kubogynda şowsuz çykyş eden käbir ýygyndylar hem öz tälimçilerini çalşanyny kem görmedi. Yklymyň iň köp çempion bolan topary Müsüriň ýygyndysy hem şowsuz geçen çempionatdan soň portugaliýaly tälimçisi Rui Witoriýany wezipesinden boşatdy. Ýogsam Müsüriň ýygyndysy tejribeli tälimçiniň ýolbaşçylygyndaky 18 duşuşygyň diňe birinde ýeňildi. Ýurduň futbol federasiýasy onuň ornuna Hossam Hassany Müsüriň ýygyndysynyň täze tälimçiligine belledi.

Çempionatda toparçadan hem çykyp bilmedik Tunisiň ýygyndysynda Jalel Kadri hem wezipesinden boşadyldy. Yklymyň öňdebaryjy ýygyndylaryndan Alžir hem 6 ýyllyk tälimçisi Jamel Belmadini toparyň tälimçiliginden ugratdy.

Milli ýygyndylara garanyňda ýygy-ýygydan tälimçi çalyşýan klublarda-da alnan şowsuz netijelerden soň birnäçe klub tälimçisini üýtgetdi.

### INZAGILERIŇ ULUSY WEZIPESINDEN BOŞADYLDY

● Italiýada iň aşaky orunda barýan «Salernitana» topary öňki tapgyrda «Inter» bilen duşuşykdan soň Filippo Inzagini topardan ugradypdy.



Ýogsam bu duşuşyk aga-ini tälimçileriň arasyndaky nobatdaky oýun boljakdy. Duşuşykda «Inter» 4–0 hasabynda ýeňiş gazanypdy. Futbolçylyk ýyllarynda agasy Filippodan pesräk çykyş eden Simone Inzaginiň tälim berýän «Interi» çempionlyga barha golaýlap barýar. Başgaça aýdylanda, agasyna garanyňda, Simoneniň futbolçylygy pes geçen hem bolsa, onuň tälimçiligi Filipponyň tälimçiligine görä, juda şowly ýagdaýda dowam edýär. «Salernitana» toparynyň täze tälimçisi wezipesine Fabio Liwerani bellenildi.

### 26 ÝYLDAN SOŇ BIR MÖWSÜMDE 2 TÄLIMÇI ÇALYŞDY

● «Serie A»-da geçen möwsümde 33 ýyldan soň taryhy çempionlyk gazanan «Napoli» toparynda Luçano Spallettiniň wezipesini taşlanyndan bäri klubuň ýagdaýy öwerlikli däl. Möwsüme fransiýaly Rudi Garsiýanyň ýolbaşçylygynda başlan «Napoli» topary noýabrda ozalky tälimçi-



lerinden Walter Mazzarini wezipä belläpdi. Klubuň prezidenti Aurelio De Laurentis Mazzarini hem ugradyp, möwsümi Françesko Kalzona bilen tamamlajakdyklaryny mälim etdi. Häzirki wagtda Slowakiýanyň ýygyndysyna tälim berýän 55 ýaşyndaky Kalzona 2015-2018, 2021-2022-nji ýyllarda «Napoli» toparynda kömekçi tälimçi bolup işläpdi. «Barselona» bilen boljak duşuşygyň öňüsyrasynda şeýle netijä gelinmegi aýratyn bellärliklidir. Kalzona 2004-nji ýyldan bäri kluba ýolbaşçylyk edýän De Laurentisiň wezipä bellän 12-nji hünärmeni boldy. «Napoli» topary 26 ýyldan soň ilkinji gezek bir möwsümde 2 tälimçi çalyşdy. Şu möwsümde «Napoliden» başga-da «Serie A»-da «Salernitana» hem-de «Empoli» klublary-da tälimçilerini 2 gezek çalşyp, 3-nji tälimçileri bilen ýoluny dowam edýär.

### GATTUZONYŇ DEREGINE GASSE

● «Napoli» toparynyň ozalky tälimçilerinden Jennaro Gattuzo häzirki wagtda klubsuz galdy. Futbolçylygyna garanyňda, tälimçiligi o diýen şowly geçmeýän Gattuzo Fransiýanyň «Marsel» klubuna tälim berýärdi. Ol sentýabr aýynda wezipä bellenipdi. Soňky 7 oýunda ýeke sapar hem ýeňiş gazanyp (5 deňlik, 2 ýeňliş) görmedik «Marsel» toparynyň ýolbaşçylarynyň «sabyr käsesi dolup», Gattuzony topardan ugratdylar. Çempionatda 9-njy orunda barýan «Marsel» topary 46




ýaşyndaky hünärmeniň tälimçiligindäki 24 oýnuň 9-synda ýeňiş gazanyp, 6-synda hem ýeňlişe sezewar boldy (9 deňlik). Golaýda Kot-d'Iwuaryň ýygyndysyndan gaýdan 70 ýaşyndaky fransiýaly Žan-Lui Gasse toparyň täze tälimçisi diýip bellenildi. «Marsel» kluby «Milan», «Napoli», «Walensiýa» ýaly klublara tälim beren Gattuzonyň tälimçilik eden 8-nji toparydyr.

### 2-nji BAŞDANGEÇIRMESI ŞOWLY BOLMADY

● Aglaba az tälimçi çalyşýandyklary bilen belli bolan iňlis klublaryndan «Kristal Palas» tejribeli tälimçi Roý Hojsony wezipesinden boşatdy. 76 ýaşyndaky ussat hünärmeniň «Kristal Palas» toparyndaky 2-nji başdan geçirmesi 11 aý dowam etdi. Geçen ýylyň 21-nji martynda londonlylaryň tälimçiligine bellenen Hojsonyň ýolbaşçylygynda «Kristal Palas» 38 oýnuň 12-sinde ýeňip, 16-synda utuldy. Hojson 2017–2021-nji ýyllar aralygynda-da «Kristal Palasa» tälim beripdi. Geçen möwsümde topary ligada alyp galan Hojsonyň ornuna awstriýaly Oliwer Glasneriň wezipä bellenendigi mälim edildi.



49 ýaşyndaky tälimçi bilen 1,5 ýyllyk – 2025/26 möwsüminiň ahyryna çenli şertnama baglaşyldy. Ol 2022-nji ýylda «Aýntraht» toparyna Ýewropa Ligasynyň çempionlygyny gazandyrypdy. «Kristal Palas» kluby «Premier Ligada» şu möwsümde tälimçisini çalşan 4-nji topar boldy.

Ispaniýanyň çempionatynda-da mundan 1 hepde öň «Raýo Wallekano» topary ýerli tälimçisi Fransisko Rodrigesi ugradyp, ornuna başga bir ispan hünärmeni Inýigo Peresi wezipä belledi.

«Bundesligada» hem 17-nji orunda barýan «Maýns» topary germaniýaly Ýan Siwertiň ornuna daniýaly Bo Henrikseni toparyň täze tälimçisi hökmünde mälim etdi.

### TUHEL TOMUSDA «BAWARIÝADAN» GIDER



● Häzirlikçe wezipesinde galan «Bawariýanyň» tälimçisi Tomas Tuheliň möwsümiň ahyrynda topardan gitjekdigi resmi ýagdaýda mälim edildi. Tuhel şol wagta çenli bolsa ellerinden geleni gaýgyrman işlejekdiklerini aýtdy. Soňky 9 ýylda ilkinji gezek yzly-yzyna 3 oýunda utulan «Bawariýanyň» möwsümi kuboksyz tamamlamagy hem mümkin. Çempionlyk ýaryşynda «Baýerden» 8 utuk yza galan münhenliler kubok ýaryşynda-da bäsleşikden ir çykypdy. UEFA Çempionlar Ligasynda-da 1-nji oýunda «Lasiodan» 1-0 hasabynda utulypdy. «Bawariýa» soňky sapar 2011/12 möwsümini kuboksyz tamamlapdy. Şondan bäri «Bundesligada» çempionlygyň yzy üzülmän gazanylyp gelinýär.

### TUHELIŇ ORNUNA KIM GEÇER?

● Häzirki wagtda «Bawariýa» Tuhelden soň kimiň tälimçi boljakdygynyň gürrüňi edilýär. Munuň üçin meşhur tälimçilerden düzülen uzyn sanaw hem bar bolup, «Baýeriň» tälimçisi, ozal «Bawariýada» çykyş eden Habi Alonsonyň ady iň öňde agzalýar. Zinedin Zidan, Antonio Konte, hatda Žoze Mourinio dagynyň hem atlary tutulsa, ozalky tälimçisi Hansi Fliksiň täzeden topara gaýdyp gelmegi hem mümkin. Tomusda «Liwerpuldan» gitjekdigini mälim eden Ýurgen Kloppuň ady agzalsa-da, menejeri ussat tälimçiniň 1 ýyllap hiç bir topara tälim bermejekdigini aýdyp, bu gürrüňlere soňky nokady goýdy.



# 1/8 FINALYŇ 1-nji DUŞUŞYKLARY TAMAMLANDY

**UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň 1-nji duşuşyklary tamamlandy. Tapgyryň ilkinji 4 duşuşygy geçen hepdäniň dowamynda geçirilipdi. Galan 4 duşuşyk bolsa şu hepde oýnalyp, duşuşyklarda birmeňzeş netijeler hasaba alyndy.**



● Sişenbe günki oýunlarda wise-çempion «Inter» öz meýdançasynda «Atletiko Madridi» kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda ýeňijini ýeke gol kesgitledi. 1-nji ýarymy golsuz geçen duşuşykdaky ýeke-täk goly, oýna soň giren Marko Arnautowiç 79-njy minutda öz adyna ýazdyrdy. «Atletiko Madrid» topary şu möwsümde UÇL-de ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy.

### 100 DUŞUŞYGA ÝETEN 9-njy TÄLIMÇI

● Bu duşuşyk «Atletiko Madrid» toparynyň tälimçisi Diego Simeoneniň Çempionlar Ligasyndaky 100-nji duşuşygy hökmünde hasaba alyndy. Ol bu ýaryşda 100 duşuşyga ýeten 9-njy tälimçi boldy. Argentinaly tälimçiden öň 8 tälimçi 100 duşuşykdan geçipdi. 198 duşuşyk bilen Karlo Ançelotti sanawyň başyny çekýär. 2-nji ýerdäki Aleks Fergusonyň 190, Arsen Wengeriň 178, Pep Guardiolanyň 166, Žoze Mourinionyň 145, rumyniýaly belli hünärmen Mirçea Luçeskunyň 115, italiýaly Massimiliano Allegriniň hem-de germaniýaly Ýurgen Kloppuň karýerasynda 100 Çempionlar Ligasy duşuşygy bar.

### ÝEŇIJILER JOGAP OÝNUNDA BELLI BOLAR

● Niderlandlaryň Eýndhowen şäherinde PSW bilen «Borussiýa Dortmund» toparlary duşuşdy. Dartgynly ge-



çen oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Oýnuň 24-nji minutynda PSW-niň ozalky oýunçysy Donýell Malen owadan gol bilen dortmundlylary öňe saýlady. 2-nji ýarymyň başlarynda-da ýer eýeleri hasaby deňlemegi başardy. Duşuşygyň 56-njy minutynda eminiň bellän penaltisini dürs uran Luuk de Ýong şu möwsümdäki ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, 28-nji goluny geçirdi.

Çarşenbe günki duşuşyklaryň netijeleri hem edil sişenbe gündäki oýunlaryň netijeleri ýaly boldy. Argentinaly merhum futbolçy Diego Maradonanyň adyny göterýän stadionda onuň çykyş eden 2 kluby – «Napoli» bilen «Barselona» duşuşdy. Duşuşyk çekeleşikli geçse-de, ýeňiş



gazanan bolmady. Duşuşygyň 1-nji ýarymynda hasap açylmady. Oýnuň 60-njy minutynda «Barselonanyň» 9-njy belgili hüjümçisi Robert Lewandowski hasaby açsa, 15 minutdan soň, has takygy, 75-nji minutda «Napoliniň» 9-njy belgili hüjümçisi Wiktor Osimhen takyk urgy bilen hasaby deňledi. Duşuşykda katalonlaryň adyndan tapawutlanan Lewandowski «Barselonanyň» UÇL-niň pleý-off duşuşyklarynda gol geçiren iň ýaşuly futbolçysy boldy. Şeýle-de, «Barselonanyň» ýetginjek futbolçysy Lamin Ýamal UÇL-niň pleý-off duşuşyklarynda meýdança çykan iň ýaş oýunçy diýlip bellige alyndy (16 ýaş 223 gün).

### «ARSENAL» SOŇKY MINUTDA GOL GEÇIRTDI

● Portugaliýada geçirilen «Porto» – «Arsenal» duşuşygy diýseň çekeleşikli geçip, ýer eýeleri 90-njy minut-



dan soň geçiren goly esasynda ýeňşini baýram etdi. Şol goly-da toparyň ezber hüjümçisi Galeno 90+4-nji minutda owadan urgy bilen öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, «Arsenal» topary UEFA Çempionlar Ligasynyň pleý-off tapgyrynda bassyr 5-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy.

Bu hepde geçirilen 1/8 finalyň 1-nji duşuşyklarynyň jogap oýunlary 12–13-nji martda geçiriler.

**«INTER»—«ATLETIKO MADRID»: 1–0**
*(Marko Arnautowiç 79)*
**«PSW EÝNDHOWEN»—«BORUSSIÝA DORTMUND»: 1–1**
*(Luuk de Ýong 56 p — Doniell Malen 24)*
**«NAPOLI»—«BARSELONA»: 1–1**
*(Wiktor Osimhen 75 — Robert Lewandowski 60)*
**«PORTO»—«ARSENAL»: 1–0** *(Wenderson Galeno 90+4)*

# GOŇŞY ÝURTDA ÝEŇIŞ GAZANDY

**Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 2-nji ýaryşy Şwesiýada geçirildi. 18 tapgyrdan ybarat 300,1 kilometrlik ýaryşda «Hyundai Shell Mobis» toparynyň fin sürüjisi Esapekka Lappi ýeňiş gazandy. Ol goňşy ýurtdaky ýaryşy 2 sagat 33 minut 04,9 sekuntda tamamlap, karýerasyndaky 2-nji ýeňşini baýram etdi. Garly ýollarda geçirilen ýaryşda «Toyota Gazoo» toparynyň britaniýaly sürüjisi Elfin Ewans 2-nji ýeri eýeledi. Ol ýeňijiden 29,6 sekunt yza galdy. «M-Sport Ford» toparynyň fransuz sürüjisi Adrien Furmo 3-nji orna mynasyp boldy. Möwsümiň 1-nji ýaryşynyň ýeňijisi belgiýaly Tierri Noýwill («Hyundai Shell Mobis») pellehanadan 4-nji bolup geçmegi başardy.**

**Sanawda Noýwill 48 utuk bilen 1-nji orunda barýar. 2-nji ýerdäki Ewansyň 45, 3-nji basgançakdaky Furmonyň 29 utugy bar. Möwsümiň 3-nji ýaryşy Keniýa Rallisi 31-nji martda geçiriler.**




# HORMATLY ILDEŞLER!

«Kepilli ätiýaçlandyryş» AGPJ ýuridik we fiziki şahslary ätiýaçlandyryş bazarynda özara bähbitli hyzmatdaşlyga çagyrýar. Häzirki wagtda «Kepilli ätiýaçlandyryş» AGPJ ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş işlerini amala aşyrýar. Size meýletin ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň 20 görnüşini hödürleýär:

**1.** Kärhanalaryň emlägini;
**2.** Gurluşyk-gurnaýyş işlerini;
**3.** Üçünji şahslaryň öňündäki raýat-hukuk jogapkärçiligini;
**4.** Hususy eýeçilik hukugy esasynda raýatlara degişli bolan ýaşaýyş jaýlaryny;
**5.** Ulag serişdelerini;
**6.** Türkmenistanyň çäklerinden daşyna gidýän raýatlaryň saglygyny;
**7.** Ýuridik şahslaryň hasabyna işgärleri betbagtçylykly hadysalardan köpçülikleýin ätiýaçlandyrmak;
**8.** Ipotekany;
**9.** Ýükleri;
**10.** Buraw işlerini;
**11.** Suw ulagy serişdelerini;
**12.** Halkara ýük daşamalaryny amala aşyrýan daşaýjylaryň raýat-hukuk jogapkärçiligini;
**13.** Betbagtçylykly hadysalardan;
**14.** Daşaýjylaryň (ekspeditorlaryň) raýat jogapkärçiligini;
**15.** Howa uçarlaryndaky we dikuçarlardaky ýolagçylary, ekipaž agzalaryny betbagtçylykly hadysalardan;
**16.** Ekologiýany;
**17.** Hünärmentçilik jogapkärçiligini;
**18.** Iş berijiniň raýat-hukuk jogapkärçiligini;
**19.** Howa gämilerini utgaşdyryp, meýletin ätiýaçlandyrmak;
**20.** Türkmenistana gelýän ýa-da wagtlaýyn ýaşaýan daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň saglygyny meýletin ätiýaçlandyrmak.

«Kepilli ätiýaçlandyryş» AGPJ ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleri boýunça öz müşderilerine ýokary hilli, amatly ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny üpjün etmekde hemişe siziň hyzmatyňyzdadyr!

## Ätiýaçlandyryň! Ätiýaçly boluň!

**Biziň salgymyz:** Aşgabat şäheri, A.Nyýazow şaýolunyň 182-nji jaýy.
**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:** +99312 41-41-76, +99365 55-55-83, +99362 30-14-14.
**Kepilliagpj@gmail.com** **info@kepil.com.tm**



